**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – HER ÝYLYŇ 25-NJI MAÝYNDA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ GÜNÜNIŇ BELLENILMEGI TÜRKMEN PAÝTAGTYNYŇ ÝAŞAÝJYLARY ÜÇIN GUWANDYRYJY WAKALARYŇ BIRIDIR.**

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
23-nji maý, 2025. Belgisi 21/1639



# GALLA ORAGY MÖWSÜMINE YKJAM TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR

*20-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.*

Maslahatda welaýatlaryň häkimleri sebitlerdäki möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda galla oragy möwsümine taýýarlyk görmek maksady bilen zerur guramaçylyk çäreleri geçirildi. Tohumlyk ekilen bugdaýyň hasylyny talabalaýyk ýygnap almak üçin taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Welaýatlaryň gowaça ekilen meýdanlarynda hatarara bejergi, ýekelemek, otag etmek işleri geçirilýär. Bu agrotehniki çärelerde oba hojalyk tehnikalary doly güýjünde işledilýär. Şunuň bilen birlikde, pile möwsüminiň çäklerinde taýýarlanylan piläni kabul ediş nokatlaryna tabşyrmak işleri dowam edýär. Welaýatlaryň ýazlyk ýeralma, gök-bakja ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak işleri ýerine ýetirilýär. Şeýle hem häkimler 2024-2025-nji okuw ýylynyň tamamlanmagy mynasybetli 25-nji maýda «Soňky jaň» dabarasyny guramaçylykly geçirmek boýunça görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, möwsümleýin işleriň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda geçirilmeginiň, şunda oba hojalyk tehnikalaryndan netijeli peýdalanmagyň zerur talap bolup durýandygyny belledi hem-de bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda galla kabul ediş kärhanalary, elewatorlar, bugdaý daşamakda ulanyljak awtoulaglar galla oragy möwsümine taýýar edildi. Şunuň bilen birlikde, tohumlyk bugdaýyň hasylyny talabalaýyk ýygnap almak, saklamak boýunça degişli taýýarlyk işleri geçirilýär. Ýurdumyzyň gowaça ekilen meýdanlarynda hatarara bejergi, ýekelemek, otag etmek, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri utgaşykly alnyp barylýar. Bu ugurda oba hojalyk tehnikalary netijeli işledilýär. Şunuň bilen birlikde, Daşoguz welaýatynda şaly ekişi dowam edýär. Pile möwsüminiň çäklerinde ýetişdirilen pile hasylyny ýygnap almak hem-de döwlet harmanyna tabşyrmak boýunça işler dowam edýär. Diýarymyzda ýeralmanyň, gök-bakja, beýleki azyklyk ekinleriň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek maksady bilen, häzirki wagtda ekerançylyk meýdanlarynda bu ekinlere ideg etmek, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagynda özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, pudagy döwrüň talabyna laýyklykda ösdürmek boýunça öňde durýan wezipeleriň toplumlaýyn çemeleşmäni, täzeçil çözgütleri talap edýändigini belledi we wise-premýere möwsümleýin işleriň ýokary hilli, guramaçylykly alnyp barylmagyny yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, galla oragy möwsüminiň ýetip gelýändigine ünsi çekdi hem-de möwsüme gowy taýýarlyk görüp, ony guramaçylykly geçirmegiň möhümdigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz welaýatlaryň gowaça meýdanlarynda hatarara bejergi, ýekelemek, otag etmek işleriniň agrotehniki talaplara laýyk alnyp barlyşyny berk gözegçilikde saklamagy, gowaça ideg etmekde oba hojalyk tehnikalaryny doly güýjünde işletmek üçin zerur çäreleri görmegi, welaýatlaryň bugdaý meýdanlarynda ýetişdirilen tohumlyk bugdaý hasylyny bildirilýän talaplara laýyk ýygnap almak, daşamak hem-de saklamak işlerine gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz Daşoguz welaýatynda şaly ekişini bellenen agrotehniki möhletlerde geçirmegiň, sebitlerde pile taýýarlamak boýunça netijeli işleri alyp barmagyň, pagta we bugdaý öndürijiler bilen hyzmat ediji edara-kärhanalaryň arasynda ýerine ýetirilen işler üçin hasaplaşyklaryň wagtynda geçirilmegini üpjün etmegiň zerur talap bolup durýandygyny belledi. Hormatly Prezidentimiz ýeralma we beýleki gök-bakja ekinlerine ideg etmek, ýetişdirilen hasyly zaýasyz ýygnap almak işleriniň wagtynda geçirilmegine pugta gözegçilik etmegi, 25-nji maýda welaýatlardaky orta mekdeplerde «Soňky jaň» dabarasyny guramaçylykly geçirmek üçin zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

## Türkmenistan-Aziýanyň ösüş banky: hyzmatdaşlygyň «ýaşyl» ugry



Ýakynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow täzeçil tehnologiýa esasynda bina edilen Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy. Gahryman Arkadagymyzyň bu gezekki sapary möhüm wakalara beslendi. Milli Liderimiz bu ýerde Aziýanyň ösüş bankynyň (AÖB) Türkmenistandaky hemişelik wekilhanasynyň direktory Artur Andrisiak bilen duşuşdy. Bu duşuşykda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komiteti bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi. 3

## Ýurdumyzdan geçirilýän üstaşyr ýükleriň möçberi artýar



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň okgunly ösýän ulag-kommunikasiýa ulgamy dünýäniň we ýurdumyzyň öňdebaryjy tejribesini öwrenmek hem-de ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly innowasiýa ösüşine gönükdirilendir. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda ulag-kommunikasiýa ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady pugtalandyrylýar. Türkmenistanyň transmilli geçelgeleri döretmek strategiýasynyň çäginde hem-de giň sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek maksadyndan ugur alyp, Demirgazyk – Günorta ugry boýunça ulag-aragatnaşyk geçelgesiniň döredilmegi hem ýokarda aýdylanlaryň aýdyň mysalydyr.** 3

# AŞGABAT – GÖZELLIGIŇ WE ÖSÜŞIŇ ŞÄHERI

*Halkara derejedäki iri çäreleriň, forumlaryň we maslahatlaryň geçirilýän ýerine öwrülen paýtagtymyz gün-günden ösýär, özgerýär. Ýurdumyzyň ýüregi bolan baş şäherimiz dünýäniň ençeme döwletleriniň dürli şäherleri bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýar. Netijede, ýaşamak üçin amatly şäher hökmünde ykrar edilýän gözel paýtagtymyz bilen doganlaşan şäherleriň sany barha artýar.*

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ak mermerli paýtagty Aşgabat Merkezi Aziýanyň merjen şäheri diýlip ykrar edildi we ýurduň iri administratiw-syýasy, ulag, söwda we ylmy-medeni merkezi bolup durýar.

2013-nji ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat ak mermerli binalaryň has köp jemlenen şäheri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi we bu neşiriň degişli şahadatnamasy gowşuryldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda, 2013-nji ýyldan başlap 25-nji maý Aşgabat şäheriniň güni hökmünde bellenilip başlandy. Paýtagtyň baş wezipesi dünýä türkmenleri üçin baş şäher bolmak bilen, olaryň jebislik mesgenine we milli döwletliligiň mizemez binýadyna öwrülmekden ybaratdyr.



Aşgabat ýurduň syýasy, durmuş-ykdysady, ylym-bilim we medeni merkezidir, onuň aýratyn derejesi «Türkmenistanyň paýtagtynyň hukuk ýagdaýy hakynda» Kanun bilen kesgitlendi. 2

# ÝAŞLAR SYÝASATY BABATYNDAKY HYZMATDAŞLYK IŞJEŇLEŞDIRILÝÄR

*21-nji maýda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow bilen BMG-niň Baş sekretarynyň Ýaşlaryň işleri boýunça kömekçisi Felipe Paulýeriň arasynda duşuşyk geçirildi.*

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde geçirilen duşuşygyň barşynda taraplar Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky ýaşlar syýasaty babatyndaky hyzmatdaşlygyň esasy ugurlaryna we geljegine giňişleýin garap, Türkmenistanyň ýaşlar diplomatiýasynyň ösmegine goşýan goşandyny bellediler.

Türkmenistanyň Daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy ýurdumyzyň ýaşlarynyň BMG-niň, ÝUNISEF-iň we ÝUNESKO-nyň maksatnamalary ýaly halkara başlangyçlaryna işjeň gatnaşýandygyny, DÖM-iň ýaş ilçileriniň Durnukly ösüş boýunça ýokary derejeli syýasy forum ýaly ählumumy meýdançalarda Türkmenistana wekilçilik etmek bilen, ýurdumyzyň ählumumy gün tertibine ýetmekdäki goşandyny görkezýändiklerini nygtady.

Bellenilişi ýaly, BMG-niň «Ýaşlar 2030» strategiýasynyň maksatlaryndan we wezipelerinden ugur alnyp, «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, ýaşlar baradaky döwlet syýa-



satynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy, Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023–2030-njy ýyllar üçin Strategiýasy tassyklandy.

Şunuň bilen birlikde, şu ýylyň maý aýynda BMG-niň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysynyň wekilhanasy bilen bilelikde Aşgabatda Merkezi Aziýanyň ýaş diplomatlary we döwlet gullukçylary üçin sebitleýin okuw maslahatynyň geçirilmeginiň ähmiýeti barada aýdyldy.

Taraplar ýurdumyzyň ýaşlaryny we ýetginjeklerini goldamaga, sebit we halkara derejede geçirilýän çärelerde olaryň wekilçiligini giňeltmäge gönükdirilen 2025–2027-nji ýyllar üçin «Ýaşlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» atly maksatnamanyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşdylar.

Türkmenistanyň başlangyjy esasynda döredilen Merkezi Aziýanyň ýaşlarynyň dialogynyň işini goldamak boýunça işleri dowam etdirmäge meýillidigi nygtaldy.

Taraplar 2025-nji ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatynyň (LLDC3) çäklerinde geçiriljek Ýaşlar forumy LLDC3 bilen bagly meselelere degip geçdiler.

***

Şol gün Türkmenistanyň Bilim ministrliginde BMG-niň Baş sekretarynyň Ýaşlaryň işleri boýunça kömekçisi Felipe Paulýeriň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen duşuşyk geçirildi.

## Ylym-bilim – jemgyýetiň hazynasy



Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ähli ulgamlarda uly üstünlikler gazanylýar, täze sepgitlere ýetilýär. Şeýle belent üstünlikleri bilim özgertmelerinde hem görmek bolýar. Bilim ulgamynda ýaşlarymyza ene dilimiz bilen birlikde daşary ýurt dillerini öwretmek esasy öňe sürülýän wezipeleriň biridir. «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy» üstünlikli berjaý edilýär. Çagalar baglarynda, orta we ýokary okuw mekdeplerinde dünýä dilleriniň onlarçasy öwredilýär. Häzirki wagtda türkmen ýaşlaryna berilýän bilimiň halkara derejede bolmagy üçin daşary ýurt dillerini bilmegi hem-de öz pikirini erkin beýan edip bilmek ukybynyň bolmagy zerur. 2



### TIRANADA forum guraldy

Albaniýanyň paýtagty Tiranada Ýewropanyň syýasy jemgyýetiniň «Täze dünýäde täze Ýewropa: Agzybirlik – Hyzmatdaşlyk – Bilelikdäki hereket» atly maslahaty geçirildi. 4



### SAHARA çölündäki täsinlik

Mawritaniýanyň demirgazyk-günbataryndaky Adrar sebitinde, Wadan şäheriniň golaýynda ýerleşýän «Rişat gurluşy» Afrikanyň täsin ýerleriniň biri hasaplanýar. 5



### «ŞARJAH» – AFK Çempionlar Ligasy 2-niň ýeňijisi

AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda oýnalan finalda ýerli «Laýon Siti Seýlors» topary bilen BAE-niň «Şarjah» topary duşuşdy. 7

### Werstappeniň 65-nji, Ožieniň 63-nji ýeňşi

Formula 1 boýunça möwsümiň 7-nji ýaryşy Italiýanyň Emilia-Romano sebitindäki Imola şäherinde geçirildi. 8



## Dünýäniň iň şadyýan şäherleri

Her ýyl yzygiderli ýaýradylýan «Şadyýan şäherler» sanawy mälim edildi. Sanaw taýýarlananda, şäherleriň dolandyrylyşy, ýaşaýjylaryň gatnaşygy, ykdysady ýagdaýy, saglygy goraýyş ulgamy, daşky gurşaw we gatnaw ýaly ölçeglere garalýar. Sanawda birinji ýeri Kopengagen (Daniýa) eýeledi. Bu şäher medeni we ykdysady işjeňligi bilen öňe saýlanýar. Ikinji orny Şweýsariýanyň Sýurih şäheri eýeledi. Dünýä belli uniwersitetleri bilen tanalýan Singapur üçünji boldy. Degişlilikde, Aarhus (Daniýa), Antwerpen (Belgiýa), Seul (Koreýa Respublikasy), Stokgolm (Şwesiýa), Mýunhen (Germaniýa) we Rotterdam (Niderlandlar) ilkinji onluga girdi.



**Gülnara SAPARMÄMMEDOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## Germaniýada bäbeklere köp dakylýan atlar

Germaniýada geçen ýyl dünýä inen bäbeklere dakylan atlar barada maglumat berildi. German dili jemgyýeti (GfdS) ýurtda Sofiýa (Sophia) we Nuh (Noah) atlarynyň köp ýyldan bäri iň köp goýulýan atlar bolmagynda galýandygyny belleýär. Berlinde bolsa, geçen ýyl oglanjyklara Muhammet, gyzlara Sofiýa ady has köp dakylypdyr. 1977-nji ýyldan bäri bu ugurda iş alyp barýan jemgyýet maglumatlary ýurduň çägindäki 750 hasaba alyş edarasyndan toplapdyr. Jemgyýetiň hünärmenleri jemi 900 müň maglumaty seljeripdir. Atlaryň sanawy taýýarlananda bir adyň başgaça ýazylýan nusgalary hem göz öňünde tutulypdyr.



**Aýlar TÄJIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Uçýan ulag satuwa çykarylar

Slowakiýanyň «Klein Vision» kompaniýasy dünýäde köpçülikleýin önümçiligi ýola goýlan ilkinji ulagyny geljek ýyldan başlap satuwa çykarar. «AirCar» atly iki orunlyk ulagyň daşky şekili adaty awtoulaga meňzeş bolup, ýygnalýan ganatlar bilen üpjün ediler. Ýerde adaty awtoulag hökmünde hem sürüp bolýan ulagy gerek bolan halatynda ganatyny açyp uçuryp bolýar. Dört tigirli ulagyň uçmagy üçin belli bir tizlige ýetmegi zerurdyr. Ulagyň ganaty iki minutda açylýar. Ýere gonandan soňra bolsa, ganatlaryny gaýtadan ýygnap, ýoluňy dowam edip bolýar.



**Ogulgerek AKADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Sürüjisiz taksi hyzmaty ýaýbaňlandyrylýar

ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynyň halk hyzmatlary geňeşi sürüjisiz taksi hyzmatyny hödürleýän «Waymo» kompaniýasynyň hyzmat edýän çäginiň giňeldilmegine rugsat berdi. Indi sürüjisiz taksiler San-Fransisko şäheriniň günortasynda has giň çäkde hyzmat eder. «Waymo»-nyň taksileri San-Fransiskonyň ähli ýerinde we ýarym adanyň beýleki ýerlerinde, Silikon jülgesindäki şäherlerde hyzmat edýär. Ýakyn geljekde sürüjisiz taksi hyzmatynyň şäheriň Halkara howa menzilinde hem hyzmat edip başlajakdygy habar berildi. Ilkibaşda howa menzilinde bu taksileriň sürüjisi bolar.



**Göwher MOLLAMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Dünýäniň kongres şäherleri

Syýahatçylygyň dürli görnüşleri bolup, olara, esasan, deňiz kenarynda dynç alyş, taryhy ýerlere zyýarat ýaly ugurlar degişlidir. Işewürlik babatda ösen şäherler bolsa geçirilýän kongresler bilen myhmanlary özüne çekýär. Halkara Kongres we ýygnaklar bileleşigi (ICCA) iň köp maslahat geçirilýän şäherler barada sanaw ýaýratdy. Sanawda geçen ýyl Wena iň köp maslahatyň geçirilen şäheri bolupdyr. Ýylyň dowamynda 154 halkara maslahat geçirilen Awstriýanyň paýtagty 2023-nji ýylda dördünji bolupdyr. Lissabon ikinji (153), Singapur üçünji (144) bolupdyr. Barselona (142), Praga (131), Pariž (124), Seul (124), Bangkok (114), Rim (114) we Afiny (111) ilkinji onluga giripdir.



**Gurbanmämmet AMANOW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Magtymguly etrap birleşmesiniň başlygy.*

## Ýewro sebitine girer

Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolan Bolgariýa geljek ýyldan başlap ýewro pul birligine geçer. Bolgariýanyň Merkezi bankynyň başlygy Dimitar Radew ýurduň 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, milli pul birligi lewadan ýewro geçmäge taýýardygyny mälim etdi. Radew ýurduň ýewro pul birligine geçmek üçin gerekli şertleriň ýerine ýetirilendigini, 1-nji ýanwardan başlap, ýewro geçmegi maksat edinýändiklerini aýtdy. Ol ýewro geçmek üçin iň esasy şertleriň biri bolan hümmetsizlenme barada hem degişli işleriň ýerine ýetirilendigini aýdyp, aprel aýyna çenli ortaça hümmetsizlenmäniň 2,7 göterim derejede galandygyny belledi.



**Röwşen MODYÝEW,**
*TMÝG-nyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.*

## Ylym-bilim – jemgyýetiň hazynasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ylym-bilim her bir jemgyýet üçin gymmatly hazynalaryň biridir. Şonuň üçin hem ýurdumyzda ylym-bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, innowasiýalaryň ösen döwründe giň dünýägaraýyşly, özbaşdak pikirlenip bilýän, ylymly-bilimli ýaşlary kemala getirmek baş maksatdyr.

Şu nukdaýnazardan ylym-bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär. Ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň üstünliklerini onlaýn görnüşde yzarlamaga mümkinçilik berýän platforma döredildi. Bu platforma fakultetleriň, kafedralaryň we mugallymlaryň netijeliligini seljermäge mümkinçilik berýär. Netijede, soňky bäş ýylyň dowamynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary tarapyndan halkara ylmy žurnallarda çap edilen makalalaryň sany ep-esli artdy, bu bolsa ýurdumyzyň ylmy kuwwatynyň ösüşiniň aýdyň subutnamasydyr. Akademiki reýtingler boýunça dünýäde öňdebaryjy hökmünde tanalýan «Times Higher Education» (THE) guramasy ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň halkara bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga uly goldaw berýär we ýylyň-ýylyna bu halkara guramanyň düzümine goşulýan ýurdumyzyň ýokary bilim ojaklarynyň sany artýar. Şolaryň hatarynda biziň baýry bilim ojagymyzyň hem bolmagy buýsandyryjydyr. Bu hem ýurdumyzda ylym-bilimiň hiliniň dünýä ülňülerine laýyklykda alnyp barylýandygynyň subutnamasydyr.



**Muhabbet DÖWLETOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

## Ýokary okuw mekdebiniň täze binalar toplumy özboluşlylygy bilen tapawutlanar

Her ýylyň 25-nji maýynda ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdeplerinde okuw ýylynyň tamamlanmagy mynasybetli «Soňky jaň» dabarasy geçirilýär. «Soňky jaň» dabarasy ýaşlygyň, bilimiň we asylly maksatlaryň nurana baýramy hökmünde ýaşlaryň hakydasynda hemişelik galýar. Bu sene Watanymyzyň ýüregi, syýasy, işewürlik, jemgyýetçilik we medeni durmuşynyň merkezi bolan Aşgabat şäheriniň güni bilen gabat gelýär. Ak mermerli paýtagtymyzda şol gün goşa baýram – ulularyň we ýaşlygyň nurana baýramynyň şatlygy dabaralanýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýaş nesilleriň saglygy, terbiýesi, bilimi baradaky aladany esasy ugur edinýän syýasaty netijesinde mähriban Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine mynasyp goşant goşjak ukyply ýaşlaryň ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde bilimlerini dowam etmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Bu şanly seneleriň öňüsyrasynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz Aşgabat şäheri boýunça iş saparyny amala aşyryp, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň çäginde alnyp barylýan gurluşyk işleri bilen tanyşdy.



Institutyň gurluşygy häzirki wagtda batly depginlerde dowam edýär. Institutyň täze binalar toplumynyň gurluşygy, onuň enjamlaşdyrylyşy häzirki zaman talaplaryna laýyk derejede alnyp barylýar. Bu ýerde gurluşyklaryň we ulanylýan serişdeleriň ýokary hil derejesinde bolmagyna, binalaryň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär, milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesi utgaşdyrylýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy institutyň binalar toplumynyň, şol sanda naharhananyň, kitaphananyň üpjünçiligine zerur üns berilmelidigini, ähli otaglaryň, binalaryň bezeg aýratynlyklaryna, olaryň degişli mebeller bilen üpjünçiligine hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilmelidigini aýtdy. Munuň özi talyplaryň bilimlerini çuňňur özleşdirmeklerine, mugallymlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna oňyn täsirini ýetirer. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň binalar toplumynyň talabalaýyk derejede gurulmagy, okuw otaglarynyň, barlaghanalaryň döwrebap ýagdaýda enjamlaşdyrylmagy ýaş hünärmenleri taýýarlamaga, ýurdumyzyň hem-de dünýä ylmynyň, maglumat tehnologiýalarynyň ýokary gazananlaryny işjeň peýdalanmaga, ylmy-barlag işlerini has-da giňeltmäge mümkinçilik berer.

Ýeri gelende aýtsak, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen paýtagtymyzda enjamlaşdyrylyşy we binagärlik çözgüdi babatda häzirki zaman talaplaryna doly laýyk gelýän döwrebap ýokary okuw mekdepleri guruldy. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň binalar toplumyny gurmak baradaky çözgüt hem Milli Liderimiziň başyny başlan asylly işleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede ösdürilýändiginiň beýanydyr. Ýurdumyzyň bilim ulgamyny ösdürmek baradaky ägirt uly aladalary, işlemäge we okamaga, ýokary bilimli, täzeçe pikirlenýän, maksada okgunly ýaşlaryň kemala gelmegine, olaryň ukyp-başarnyklarynyň, döredijilik mümkinçilikleriniň amala aşyrylmagyna hemme şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize çäksiz alkyş aýdýarys.

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

## Dünýäde kär barmyka seň käriňden asylly

Makalanyň sözbaşysy hökmünde alnan goşgy setirleriniň haýsy şahyra degişlidigini bilen bolsaňyz gerek. Bu Türkmenistanyň halk ýazyjysy Berdinazar Hudaýnazarowyň goşgy setirleri. Bu jümleler mugallymçylyk käriniň hormatyny, gymmatyny kesgitleýär.

Sanlyja günden ýurdumyzyň ähli künjeginde orta mekdeplerde ilkinji gezek 12-nji synpy tamamlaýan okuwçylaryň «Soňky jaň» dabarasy bolar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda orta mekdebi tamamlaýan, parahatçylygyň nyşany bolan ak kepderilere çalym edýän uçurymlar bu dabaraly günde mugallymlara aýratyn sylag-hormat bilen garaýarlar. Olara gül desselerini gowşurýarlar. Çünki mugallymçylyk hormatly kär. Biz mugallymlar bolsa şol hormatly käre – «mugallym» diýen ada mynasyp bolmak üçin näçe zähmet çekmeli, döredijilikli işlemeli, okamaly, öwrenmeli. Ussat mugallymlaryň aýdyşy ýaly, mugallym okamagyny goýan güni mugallym däldir.

Sapak mugallymyň döredijilik meýdançasydyr, biri-birine meňzemeýän täzeçe sapaklary guramak üstünligi gazanmagyň ak ýoludyr. Şol ýoldan ýöremek üçin mugallym hemişe öz üstünde işläp, kämilleşip durmaly. Sebäbi kämilligiň çägi ýok. Ulanýan iş usullarynyň, pedagogikanyň, psihologiýanyň öňde goýan talaplaryna laýyklygy mugallymyň oňyn netije gazanmagynyň ýoludyr.

Öz käriniň aýratynlyklaryny hem-de okuwçylaryň söýgüsini özünde jemlän mugallym kämildir. Mugallymyň ähli yhlasy-da, zähmeti-de onuň terbiýeläp ýetişdiren okuwçylary bilen ölçenýär. Çünki okuwçylar onuň guwanjydyr. Okuwçylar hemişe öz mähriban mugallymlaryny ýagşylykda ýatlap, oňa sagbolsun aýdýarlar. Olaryň ýürek buýsanjy, hoşallyk duýgusy Berdinazar Hudaýnazarowyň şygrynyň dowamy bolup ýaňlanýar:



***«A»-ny senden öwrendim,***
***«Be»-ni senden öwrendim.***
***Aýy senden öwrendim,***
***Güni senden öwrendim.***
***Nämeler bilýän bolsam,***
***Şony senden öwrendim.***

Bilim beren mugallymlaryny sarpalaýan uçurymlary «Soňky jaň» dabarasy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys. Olara durmuşda uly üstünliklere, belent sepgitlere ýetmeklerini, okuwyny dowam etdirip, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ösüşine mynasyp goşant goşmaklaryny arzuw edýäris.

**Taýmazgeldi ÝAÝLYMOW,**
*Aşgabat şäherindäki 108-nji orta mekdebiň müdiri.*

## Aşgabat – gözelligiň we ösüşiň şäheri

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Owadanlykda deňi-taýy bolmadyk binalardyr ymaratlar, köpsanly muzeýler, teatrlar ýurdumyza gelýän myhmanlaryň kalbynda ýatdan çykmajak ýatlamalary döredýär. Şäherimiziň keşbini has-da gözelleşdirýän, dünýä ülňülerine laýyk gelýän «Oguzkent», «Ýyldyz», «Aşgabat» kimin ençeme ajaýyp myhmanhanalar paýtagtymyzyň myhmanlaryny mähir bilen garşy alýar. Paýtagtymyzyň demirgazyk künjeginde, Halkara howa menziliniň golaýynda ýerleşýän täsin «Garagum» myhmanhanasy hem gözelligi bilen göreni özüne bendi edýär.



Gözel paýtagtymyz Aşgabat sebitde parahatçylyk söýüji, işewürlik, ylym-bilim we medeni işjeňligiň iri merkezi hökmünde bellidir. Şäher Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda amatly ýerde ýerleşen gadymy mekanda 1881-nji ýylda esaslandyryldy. Soňky ýyllarda paýtagtymyzyň binagärlik toplumyna özboluşly desgalaryň ençemesi goşuldy, onuň taryhy merkezi döwrebaplaşdyryldy, täze ýaşaýyş toplumlary emele geldi, häzirki zaman awtomobil ýollary, köp sanly medeni-dynç alyş merkezleri, suw çüwdürimleridir seýilgähler peýda boldy. Olar şäher abadançylygynyň möhüm düzüm birligi hökmünde birnäçe wezipäni, şol sanda ekologiýa we medeni meseleleri ilerletmek işlerini ýerine ýetirýär.



Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde Aşgabat doganlaşan şäherleri bilen hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär. Bu şäherleriň arasynda özara wekiliýetleriň saparlary, sport we çeperçilik sungat hünärmenleriniň iş saparlary guralýar. Medeniýet we kino günleri, sergiler, şäher dolandyryşy bilen baglanyşykly dürli mowzuklarda halkara maslahatlar geçirilýär.

Aşgabat we Merkezi Aziýa sebitindäki goňşy döwletleriň şäherlerini medeni we taryhy baglanyşyklar birleşdirýär. Aşgabat, Daşkent, Astana, Bişkek, Duşenbe şäherleriniň arasynda yzygiderli Medeniýet, kino günleri, suratkeşleriň bilelikdäki çykyşlary, sergiler, döredijilik duşuşyklary we bilim pudagyndaky hyzmatdaşlyk işjeň ösdürilýär.

Aşgabat diňe gözelligiň we ajaýyplygyň däl, eýsem, bagtyýarlygyň hem merjen şäheridir. Dünýäniň çar künjeginden gelýän syýahatçylaryň, ozaly bilen ýurdumyzda amala aşyrylýan bedew batly ösüş-özgerişlere, hususan-da baş şäherimiz Aşgabatda gurlan binalara, şeýle hem giň gerimde alnyp barylýan gurluşyk işlerine, şol sanda bagtyýar halkymyzyň ýokary ýaşaýyş-durmuş derejesine haýran galýandyklaryny bellemek ýakymlydyr. Paýtagtymyzyň owadan görnüşli ýyşyklandyryjylary özüniň älemgoşar öwüşginleri bilen ynsan kalbyna ýakymly täsir edýän görnüşleri döredýär. Şeýle hem ýylyň ähli döwürlerinde gije-gündiz işläp duran suw çüwdürimlerine düşýän ýyşyklar paýtagtymyzyň keşbine has-da gözellik çaýýar.

**Şemşat KLIÇOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## Hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary pugtalanýar

19-20-nji maýda Tähran şäherinde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-eýran toparynyň 18-nji mejlisi geçirildi. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministriniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň gatnaşmagynda geçirilen duşuşyklar iki dostlukly ýurduň arasyndaky syýasy, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmakda möhüm ädime öwrüldi.

Türkmenistan bilen Eýran köp asyrlyk dost-doganlyk gatnaşyklaryna eýedir. Soňky ýyllarda hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda türkmen-eýran gatnaşyklary hil taýdan täze derejelere çykaryldy. Iki ýurduň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Sebit hyzmatdaşlygy hem-de serhetýaka söwdany ösdürmek ugrunda tagalla edilýär. Muňa ýaňy-ýakynda Eýranyň Gürgen şäherinde geçirilen ýurdumyzyň eksport ugurly harytlarynyň sergisi hem aýdyň subutnamadyr. Şunuň bilen baglylykda, 2028-nji ýyla çenli özara söwdanyň möçberini 5 esse artdyryp, 3 milliard dollara ýetirmek maksat edinilýär.



Türkmen-eýran gatnaşyklarynda energetika hyzmatdaşlygy aýratyn ähmiýete eýedir. Bu ugurda gazanylan ýlalaşyklar munuň aýdyň subutnamasydyr. Türkmen gazyny Eýrana we onuň üsti bilen üçünji döwletlere ibermek üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmen gazynyň Eýranyň üsti bilen Türkiýä iberilip başlanmagy türkmen-eýran hyzmatdaşlygynyň sarsmaz binýadynyň nyşanyna öwrüldi.

Ulag-logistika hyzmatdaşlygy türkmen-eýran gatnaşyklarynyň ýene-de bir ugrudyr. Bu ugurda gazanylan ylalaşyklaryň netijesinde ýakyn ýyllarda özara ýük gatnamalarynyň möçberini 20 million tonna ýetirmek göz öňünde tutulýar. Muny demir ýol, awtomobil we ulaglaryň beýleki görnüşleri boýunça ýerine ýetirmek maksat edinilýär.

Ýeri gelende belläp geçsek, Eýran Yslam Respublikasynyň Gülüstan welaýaty bilen Balkan welaýatynyň arasynda söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnamanyň çäklerinde hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin 14–16-njy maý aralygynda Eýran Yslam Respublikasynyň Gülüstan welaýatyna häkimliginiň wekilleri iş saparyny amala aşyrdylar.

**Dawut ATAÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Säher guşlar saýranda

Saýrak guşlaryň sesi ynsana ýakymly täsir etmek bilen, onuň ruhy-emosional ýagdaýyny sazlaýar. Ir säher bilen guşlaryň jürküldisine diň salyp, kofedir çaý içmek pikirleriňe durulyk çaýyp, duýgularyňy kadalaşdyrýar. Bu, hamana diýersiň, tebigat tarapyndan bejergi ýaly özüňi öňküden sagdyn hem rahat duýmaga kömek edýär.

Bu aýdylanlar diňe bir adamyň pikiri bolman, eýsem, dünýäniň dürli döwletleriniň bilermenleriniň ýörite seljermelerden soňky gelen netijeleri bilen hem berk baglydyr. Edil beýleki haýwanlar, meselem, delfinler, atlar, pişiklerdir itler bilen dostlaşmagyň saglyga oňat täsir edişi ýaly, saýrak guşlary diňlemek hem saglyk üçin peýdalydyr. Megerem, şonuň üçindir, gadymy döwürlerde-de, häzirki wagtda-da köp adamlar öýlerinde enaýyja kapasada dürli görnüşli saýrak guşlary saklaýarlar.



Sözümiz gury bolmaz ýaly, guşlaryň içinde iň saýrak guş hasap edilýän bilbil barada durup geçeliň. Öwrenilmegine görä, bilbiliň jemi 200-den gowrak dürli heňli nagmasy bar. Bilbiliň nagmalary mukama mahsus belentli-pesli derejelere galyp-peselmek arkaly adamyň keýpini çaglap, ruhuny beýgeltmek ýaly häsiýetlere eýedir. Bilbilleriň içinde has tapawutlanýan sary bilbiliň nagmalaryny ýüregiň kadaly işlemeginde örän peýdaly diýip hasap edipdirler.

Dynuwsyz gatnaýan ulaglaryň sesinden uzaklaşyp, sähra, meýdana golaýlaşdygyňça kalbyň rahatlanyp, göwnüň giňeýän ýaly bolýar. Şol pursatda niredendir bir ýerlerden saýrak guşlaryň nagma kakýanyny eşitmek seni has-da ruhlandyrýar. Ýüregiňde öň bar bolan arzuw-umytlaryňa ganat, etsem-petsemleriňe itergi beren ýaly bolýar. Ruhuň galkynmagy netijesinde bedeniňe dolan güýç-kuwwat seni durmuşa höweslendirýär. Sen şeýle duýgulara berlip, birsalym tebigatyň goýnunda dynç alyp, şähere şadyýan hem paýhasly halda dolanyp gelýärsiň.

Adamzat ösüşi boýunça Maks Plank institutynyň geçiren barlagyndan soň, guşlaryň sesini diňlän adamlaryň özlerini öňküden has bagtly duýýandyklary ýüze çykaryldy. Şoňa görä-de, günüň dowamynda 5 minut guşlaryň sesini diňlemek saglyk üçin peýdalydyr. Hünärmenler munuň ylmy taýdan näme sebäbe esaslanýandygyny düşündirmegiň hem çylşyrymlydygyny belleýärler.

Haýsy ýurtda guşlar erkana saýraýan bolsa, şol ýurt parahatdyr, onuň halky-da bagtyýardyr. Ata Watanymyz hem saýrak guşlaryň mekanydyr. Goý, asmanymyz hemişe arassa bolup, guşlar erkana ganat ýaýsynlar.

**Baýnazar ABDALOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Türkmen-hytaý parlamentara hyzmatdaşlygy ösdürilýär

Ýokary derejede ösdürilýän türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň parlament ugruna aýratyn üns berilýär. Muňa Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň Hytaý Halk Respublikasynyň Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagynyň hemişelik komitetiniň başlygynyň çagyrmagy boýunça bu ýurtda saparda bolmagy hem aýdyň şaýatlyk edýär. Bu saparyň maksady hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna daýanyp, alyp barýan parahatçylyk söýüjilikli ynsanperwer döwlet syýasatyny durmuşa geçirýän Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda ýola goýlan parlamentara gatnaşyklary ösdürmekden ybaratdyr.

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda ähli ugurlar bilen bir hatarda parlamentara gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky gatnaşyklaryň köpýyllyk taryhy bar. Şol döwürleriň dowamynda iki halkyň arasynda birek-birege düşünmek, medeniýetleriň, däp-dessurlaryň we dünýägaraýyşlaryň özara alyşmasy ýaly peýdaly ösüşler bolup geçdi. Häzirki wagtda özara hormat goýmak, dostluk we birek-biregiň bähbitlerini nazara almak ýörelgelerine esaslanýan türkmen-hytaý gatnaşyklary ugurlaryň giň gerimi boýunça ösdürilýär. Iki dostlukly döwletiň strategik hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykaryldy. Hytaý ýurdumyzyň iri söwda hyzmatdaşydyr. Nebitgaz ulgamy hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biridir. Bu ulgamda eýýäm birnäçe iri taslamalar amala aşyryldy. 2009-njy ýylyň ahyrynda Türkmenistan — Hytaý strategik gaz geçirijisiniň ulanmaga berilmegi munuň subutnamasydyr. Şeýle-de ýurdumyz söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmegi, hususan-da, ylym, bilim, medeniýet, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk ugurly hyzmatdaşlygy ösdürmegi maksat edinýär. Şu nukdaýnazardan türkmen ýaşlarynyň Hytaýyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim almagy ugrunda tagalla edilýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda ýaşlaryň 100 sanysyny bakalawr ugry boýunça Hytaýyň Sinszýan Uýgur awtonom raýonynyň ýokary okuw mekdeplerine okuwa ibermek boýunça seçip alyş işleri dowam edýär.



**Aýgül ANNAMUHAMMEDOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Lukmanlar maslahat berýär

Lukmanlar tomus paslynda sagdyn durmuş ýörelgesini alyp barmagy, möwsüme görä geýinmegi, arassa agyz suwuny ýeterlik mukdarda içmegi maslahat berýärler. Ylaýta-da, gök önümler we miweler iýlende hökman ýuwmaly. Zaýalanan iýmit önümlerini iýmekden saklanmaly. Gök önümleri we miweleri, süýt önümlerini çig etiň ýanynda saklamaly däl-de, ýapyk syrçaly ýa-da plastik gaplarda sowadyjyda saklamaly. Arassaçylyk kadalaryny doly we dogry berjaý etmeli. Nahar diňe bir gezek iýmek üçin bişirilmeli we nahar taýýarlananda arassaçylyk kadalary doly berjaý edilmeli. Nahar iýmezden öň we daşardan gelenden soň eliňi sabynlap ýuwmaly, dyrnaklary wagtynda almaly. Öýe siňegiň girmeginiň we iýmit önümleriniň üstüne gonup hapalamagynyň öňüni almak üçin penjirelere tor dakmaly. Ýokanç keselleriň öňüni almakda, ylaýta-da tomus möwsüminiň gelmegi bilen ýiti içege keselleriniň öňüni almak üçin arassaçylyk kadalaryny berjaý etmegiň, kesele garşy durnuklylygy ýokarlandyrmak üçin kadaly iýmitlenmegiň, maşklary ýerine ýetirmegiň, zyýanly endiklerden daşda durmagyň we şuňa meňzeş birnäçe keseliň öňüni alyş çärelerini alyp barmak zerurdyr.



Eziz ildeşler, tomusda arassaçylyk kadalary lukmanlaryň maslahat berşi ýaly doly we dogry berjaý edilse, sagdyn bolup bilersiňiz. Her birimiz özümiziň saglygymyza jogapkärli seredip, keselleriň öňüni almaga, sagdyn durmuş ýörelgesini berjaý etmäge üns bersek, saglygymyzyň ýokary derejede bolmagyny gazanarys.

**Gülbahar ŞIHMYRADOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň fakultet terapiýasy kafedrasynyň assistenti.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 23-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116369

Belgisi: 21/1639
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Çagalaryň hukuklarynyň döwlet kepillikleri

Çagalaryň hukuklaryny goramak we olara ählitaraplaýyn mynasyp durmuşy üpjün etmek, şeýle hem maşgalany goldamak ugrunda döredilýän amatly şertler we giň gerimli işler «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer şygaryň dabaralanýan döwründe döwletimizde ileri tutulýan ugurlaryň biri bolan çagalar hakyndaky aladanyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini aýdyň görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «Her bir ýurduň bagtyýarlygy, abadançylygy ösüp gelýän ýaş nesil hakdaky aladalardan gözbaş alýar. Şu nukdaýnazardan, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, sagdyn, zähmetsöýer, watançy nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek, irki döwürden çagalary terbiýelemek, okatmak, olaryň beden we ruhy saglygyny berkitmek, şahsy başarnygyny ösdürmek üçin bilim edaralarynyň işi geljekde has-da kämilleşdiriler».

Çaganyň hemmetaraplaýyn ösmeginiň üpjün edilmegine taryhy, milli däp-dessurlar, umumadamzat ruhy-ahlak, medeni we durmuş gymmatlyklary, jemgyýetde kabul edilen ahlak ýörelgeleri, düzgünleri hem kadalary, jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerine hormat goýmagy esasynda watansöýüjilik we raýatlyk ruhunda terbiýelenmegini göz öňünde tutýandygy hakyndaky kadalar öz beýanyny tapýar.

«Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan her bir çaganyň milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna ýa-da beýleki ýagdaýlaryna garamazdan, hukuklarynyň we azatlyklarynyň deňligi kepillendirilýär. Her bir çaganyň özüne berlen ähli hukuklardan we azatlyklardan peýdalanmaga hukugy bardyr. Çaganyň hukuklary, azatlyklary we kanuny bähbitleri durmuşa geçirilende onuň iň gowy bähbitleri üpjün edilmelidir.



Çaganyň hukuklarynyň goraglylygyny halkara derejesinde üpjün edýän, 1989-njy ýylda kabul edilen Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýa – munuň özi hökmany standartlaryň we borçnamalaryň halkara derejede ylalaşylan toplumydyr, onda hemmelere deň derejede degişli bolan çagalaryň esasy hukuklary beýan edilýär. Bu halkara resminama diňe bir ykdysady, durmuş hem-de medeni hukuklar däl-de, raýat we syýasy hukuklar has doly beýan edilen ilkinji resminama bolup durýar. Biziň ýurdumyz Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýanyň we onuň iki fakultatiw teswirnamasyna gatnaşyjy bolmak bilen, öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça yzygiderli hem-de utgaşykly işleri alyp barýar, şeýle hem bu ulgamda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrýar.

Birleşen Milletler Guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlyk etmek bilen, döwletimiz özüniň çagalar we çaga hukuklary babatda alyp barýan syýasatyny we mümkinçiliklerini doly derejede dünýä bileleşiginiň ähli agzalary bilen bilelikde netijeli arkalaşyk etmek ýoly bilen alyp barýar. Ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny has-da berkitmek ugrunda taýsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun.

**Şirin GURDOWA,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň talyby.*

# Sport – sagdyn durmuşyň gözbaşy

Türkmenistanyň baý tebigy şertlerine, jemgyýetiň sport mümkinçiligine, başarjaňlygyna, syýahatçylyk ulgamyna, ony netijeli ösdürmeklige gönükdirilýän maýa goýumlar innowasion işiň netijelerinden ybarat bolup, olary ösdürmeklige giň ýollar açylýar. Bu işleriň netijesinde saglyk, sport, syýahatçylyk wajyp ugurlaryň birine öwrülýär. Ýurdumyzda bu ugurlar maksatnamalaýyn, diwersifikasiýanyň esasynda sebitler bilen birlikde ösdürilýär. Döwletimiziň dünýä giňişliginde bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek maksady bilen ýurdumyzda innowasiýalara esaslanýan ykdysadyýeti döretmeklige, iň täze tehnologiýalary ornaşdyrmaklyga möhüm ähmiýet berilýär. Bu özgertmeler saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk ulgamynda hem durmuşa ornaşdyrylýar. Innowasion açyşlaryň önümleri bolan täze tehnologiýalary özünde jemleýän sport desgalary häzirki wagtda ýurdumyzyň ilatyny sagdyn durmuş, sagdyn jemgyýet ýörelgesine iterýär. Bu bolsa öz gezeginde bedenterbiýe bilen meşgullanýan adamlaryň sanynyň artmagyna getirýär. Esasan hem, ýaş nesliň bu ugurdaky gyzyklanmalaryny artdyrýar. Adamlaryň daşky gurşawyň täsirlerine durnukly bolmaklaryny, bedenterbiýe, sport we sagdyn durmuş ýörelgesini alyp barýan adamlaryň immun ulgamynyň pugtalanmagyny üpjün edýär. Diňe bir ýokançly wiruslara däl, eýsem, beýleki kesellere hem garşy durmagyna ýardam berýär. Sagdyn bedenli, belent ruhly, döwrebap bilimli we ylymly, hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti



kemala getirmek işinde bedenterbiýäniň we sportuň täsiri örän ýokarydyr.

Hormatly Prezidentimiziň: «Ylymly-bilimli, sagdyn ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir, nurana geljegidir. Bilim almak, hünär öwrenmek, beden we ruhy taýdan sagdyn ösmek halkymyzyň gadymdan gelýän nusgalyk milli ýörelgesidir» diýen sözlerinden ruhlanýan türgenlerimiz halkara derejesinde geçirilýän ýaryşlarda üstünlikli çykyş edýärler we baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar.

Ýakynda «Arkadag» futbol topary Aziýanyň Futbol Konfederasiýasynyň Çagyryş Ligasynyň çempiony bolup, sport üstünliklerimiziň dabaralanýandygyny nobatdaky gezek subut etdi. Arkadag şäheriniň futbol topary ýurdumyzyň birinjiligi ugrundaky bäsleşiklerde hem öňe saýlanmagy başardy. Munuň özi Arkadag şäheriniň sport ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň häzirki zaman talaplaryna doly laýyk gelýändigini, türgenleriň taýýarlyk derejesiniň ýokarydygyny äşgär edýär.

«Arkadag» toparynyň halkara arenasynda gazanan üstünligi Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde sport ýurduna öwrülen eziz Watanymyzda sportuň beýleki görnüşleri bilen birlikde futbolyň hem dünýä derejesine çykýandygyny aýdyňlygy bilen görkezýär.

Biz ýaşlara işlemäge, ýokary hilli bilim almaga hem-de sport bilen meşgullanmaga mümkinçilik döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, il-ýurt bähbitli umumadamzat ähmiýetli tutumly işleri elmydama rowaç alsyn!

**Bägül GURBANLYÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallym-öwrenijisi.*

# BITARAPLYK – PARAHATÇYLYGYŇ ŞUGLASY

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän 2025-nji ýyl Türkmenistanyň Bitaraplygynyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyna beslenýär. Ýurdumyz hem-de agzybir halkymyz bu möhüm senäni parahatçylyga, ähli döwletler bilen özara hormat goýmak, deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan dostlukly gatnaşyklary has-da ilerletmäge çagyryş hökmünde mynasyp garşylamaga taýýarlanýar. Çünki hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, parahatçylyk we dostluk dünýädäki iň uly gymmatlyklardyr. Türkmenler adamzat taryhynyň ähli döwürlerinde hem bu gymmatly kadalara ygrarly bolan halkdyr. Aziýa bilen Ýewropany birleşdirýän türkmen topragy hemişe parahatçylygyň, ygtybarlylygyň we howpsuzlygyň sebiti hökmünde giňden tanalypdyr. Täze taryhy şertlerde döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk derejesi şu asylly maksatlara ýetmegiň wajyp şertine öwrüldi.

Indi 30 ýyla golaý wagt bäri Türkmenistan oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty üstünlikli durmuşa geçirip gelýär. Daşary syýasatymyzyň binýatlaýyn esasy hökmünde saýlanyp alnan hemişelik Bitaraplyk derejesi dünýäde iň iri we abraýly gurama bolan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edildi. Bu ykrarnama 1995-nji we 2015-nji ýyllarda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamalarda öz beýanyny tapdy. Şu ýylyň 21-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň üçünji gezek kabul edilmegi bolsa häzirki wagtda Bitaraplyk syýasatymyzyň mynasyp dowam etdirilýändigini, ýurdumyzyň halkara derejedäki abraýynyň barha ýokarlanýandygyny, ählumumy parahatçylygy üpjün etmek boýunça tagallalaryň dünýäde giňden goldanylýandygyny aýdyň görkezýär.

Türkmenistan döwletimiz hemişelik Bitaraplyk derejesine laýyklykda, harby we syýasy bileleşiklere goşulyşmaýar. Şonuň



ýaly-da, BMG-niň doly hukukly agzasy bolmak bilen, halkara çärelere yzygiderli gatnaşyp, strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen möhüm başlangyçlar bilen çykyş edýär. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň syýasy öňdengörüjiligi we çuňňur paýhasy bilen öňe sürlen başlangyçlar gyzgyn goldawa eýe bolýar. Eziz Watanymyzyň şu günki güne çenli 150-den gowrak döwlet bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagy, şeýle hem 50-ä golaý bütindünýä we sebitleýin guramalar bilen işjeň hyzmatdaşlyklary alyp barmagy ýurdumyzyň daşary syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylýandygyny aýdyň görkezýär.

Häzirki döwürde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan halkara giňişliginde oňyn başlangyçlary öňe sürýän, netijeli çözgütleri teklip edýän döwlet, iri halkara çäreleriň, maslahatlaryň, duşuşyklaryň, forumlaryň geçirilýän merkezi hökmünde tanalýar. Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistan hoşniýetli goňşuçylyga, özara hormatlamaga we deňhukuklylyga, dünýäniň ähli ýurtlary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga esaslanan Bitaraplyk syýasatyny dowam eder» diýen sözlerinden ugur alyp, bu günki gün ýurdumyz dünýäniň ähli döwletleri bilen hoşniýetli gatnaşyklary, parahatçylyga esaslanýan ýörelgeleri ösdürýär.

Hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi Türkmenistana halkara giňişlikde okgunly ösmäge mümkinçilik berdi, içerki abadançylygy üpjün etdi hem-de oňyn gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmek üçin ähli zerur şertleri döretdi. Şunda häzirki zamanyň ählumumy ösüş meýillerini bitewi, üznüksiz kabul etmek ukyby Garaşsyz türkmen döwletiniň dünýä giňişliginde amala aşyrýan daşary syýasatynyň we üstünlikli diplomatik işiniň möhüm şertleriniň biridir. Döwlet Baştutanymyzyň yzygiderli tagallalary netijesinde Türkmenistanyň dünýä syýasatynda, ykdysadyýetinde eýeleýän mynasyp orny häzirki wagtda has aýdyň duýulýar. Bu bolsa ählumumy hyzmatdaşlyk babatda täze wezipeleri, ösüşiň gerimini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Halkymyzy ösüşlerden-ösüşlere alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, halkara ähmiýetli işleri rowaçlyklara beslensin!

Gurbangeldi DURDYÝEW,
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# Türkmenistan-Aziýanyň ösüş banky: hyzmatdaşlygyň «ýaşyl» ugry

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gol çekilen resminama laýyklykda, energiýa tygşytlaýjy «akylly» tehnologiýalary ornaşdyrmak üçin gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri ulgamynda netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga giň mümkinçilikler açylýar. Şeýle hem bu resminama häzirki zaman öňdebaryjy tehnologiýalaryň we sanly çözgütleriň ornaşdyrylan «akylly» we «ýaşyl» şäher konsepsiýasyna laýyk derejede bina edilen Arkadag şäherinde energetika, suw üpjünçiligi we şäher gurluşygy pudaklaryny ösdürmäge, bu babatda zerur bolan tehnologiýalary ornaşdyrmaga, suwy we energiýany tygşytlamaga, dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmäge we suwy gaýtadan ulanmaga, agzalan ugurlarda täze taslamalary işläp düzmekde we durmuşa geçirmekde öňdebaryjy tejribe alyşmak babatda hyzmatdaşlyk etmäge gönükdirilendir.

Türkmenistan bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk 25 ýyllyk baý tejribesine eýedir. Häzirki wagtda Aziýanyň ösüş bankynyň Dolandyryjylar geňeşi tarapyndan kabul edilen hem-de Türkmenistanyň Hökümetiniň makullan 2024-2028-nji ýyllarda Türkmenistan üçin ýurt boýunça hyzmatdaşlyk Strategiýasyny durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar. Bu strategiýa üç ugurda hyzmatdaşlygy ösdürmegi öz içine alýar. Olar howa şertlerine durnukly «ýaşyl» ykdysadyýete geçmäge ýardam bermekden; diwersifikasiýa arkaly bäsdeşlige ukyplylygy güýçlendirmekden, hususy telekeçiligi we adam maýasyny ösdürmekden; şeýle hem düzümleýin özgerişlere we institusional ösüşlere ýardam bermekden ybaratdyr. Mundan başga-da, Aziýanyň ösüş banky Türkmenistanyň dürli pudaklaryna umumy möçberi 12 million amerikan dollaryna barabar tehniki kömek berýär.

AÖB 1966-njy ýylda Aziýa–Ýuwaş umman sebiti ýurtlarynyň sosial-ykdysady ýagdaýyny ösdür-




mäge kömek bermek maksady bilen döredilýär. Bankyň paýdarlarynyň 48-si sebitleýin paýdarlar, 19-sy sebitleýin däl paýdarlardyr (ösen döwletler). Ýerleşýän ýeri Filippinler döwletiniň Manila şäheridir. AÖB-niň işiniň esasy ugry Aziýa–Ýuwaş umman sebiti ýurtlaryna tehniki kömekleri bermekden, sosial-ykdysady ähmiýetli taslamalary durmuşa geçirmäge hemaýat etmekden ybaratdyr.

Bankyň taslamalary ýedi meseläni çözmäge gönükdirilendir. Olara ykdysady ösüşi üpjün etmek, adam resurslaryny ösdürmek, dolandyryşyň hilini ýokarlandyrmak, daşky gurşawy goramak, zenanlaryň ykdysady ösüşe gatnaşyşyny ýokarlandyrmak, hususy sektory we sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek degişlidir. Bu bankyň maliýe serişdeleriniň çeşmelerine Aziýa ösüş fondy, tehniki kömek boýunça ýöriteleşdirilen fond, Ýapon ösüş fondy degişlidir.

Aziýanyň ösüş banky Türkmenistanda maýa goýum maksatnamalarynyň we taslamalarynyň maliýeleşdirilmegine işjeň gatnaşýar. Ýurdumyz 2000-nji ýylda bu abraýly halkara maliýe guramasynyň agzasy boldy. Şondan bäri bank bilen netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Aziýada ykdysady ösüşi höweslendirmek bu bankyň baş wezipesi bolup durýar. Şondan bäri bu maliýe edarasy ýurdumyzyň, esasan hem, ulag pudagyna hem-de hususy pudagyna dürli derejede maliýe kömekleri maliýe serişdelerini gönükdirdi.

Türkmenistan bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasyndaky maýa goýum hyzmatdaşlygynyň netijeleri ony ösdürmek boýunça täze başlangyçlar we teklipler halkara işewürlik hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegine, geljegi uly ýokary tehnologiýaly taslamalary durmuşa geçirmek üçin iri möçberli maýa goýumlaryny çekmäge, tutuş Aziýanyň okgunly innowasiýa ösüşine çykmagy üçin sebitara gatnaşyklarynyň meýdançasyny döwrebaplaşdyrmaga ýardam berer.

Aýnabat IŞANGULYÝEWA,
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Ýurdumyzdan geçirilýän üstaşyr ýükleriň möçberi artýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu geçelge Merkezi Aziýa we Ýewropa ýurtlaryna Pars aýlagyna çykmaga mümkinçilik berýär. Geljekde bu ugur Hazar deňzini, Gara deňiz basseýnini we Baltika sebitlerine girýän üstaşyr geçelgäni-de öz içine alar. Bu bolsa Merkezi Aziýanyň çäkleri arkaly Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky iň amatly gatnawy emele getirer. Türkmenistan bilen Owganystanyň arasynda demir ýol şahasynyň gurulmagy, Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Oman, Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe üstaşyr ulag geçelgeleriniň döredilmegi ýurdumyzyň bu ugurda esasy merkezleriň birine öwrülmegi babatda edilýän işlere mynasyp goşantdyr.

Ýurdumyzyň ulag diplomatiýasy biri-biri bilen baglanyşykly bolan bimaçe ugry gurşap alýar. Üstaşyr ýük we ýolagçy gatnawlaryny geçirmek babatda çäkdeş ýurtlar bilen ylalaşyklary baglaşmak, döwrebap awtomobil, demir ýollary gurmak, howa we deňiz-derýa gatnawlaryny döretmek, şol ýollardan üstaşyr ýükleri we ýolagçylary gatnatmagyň şertlerini ylalaşmak ýaly ugurlar olaryň bir bölegidir. Eziz Watanymyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Beýik Ýüpek ýoluny häzirki zaman talaplaryna laýyklykda gaýtadan dikeltmekde, ýurdumyzy sebitde iri ulag-logistika merkezine öwürmekde uly işler durmuşa geçirilýär. Hemişelik Bitarap Türkmenistan halkara başlangyçlary, şol sanda ulag-aragatnaşyk ulgamy boýunça tutumlary Durnukly ösüş maksatlary bilen utgaşykly durmuşa geçirýär. Türkmenistan tarapyndan halkara we sebit derejesinde ulag-logistika ulgamyny ösdürmek, onuň häzirki zaman şertlerine görä hereket etmegini gazanmak boýunça öňe sürülýän başlangyçlar dünýä jemgyýetçiliginde giň goldawa eýe bolýar.

Ulag-logistika we üstaşyr ulag geçelgelerini ösdür-



mäge hem-de gümrük serhedi arkaly ýük dolanyşygynyň möçberini ýokarlandyrmaga, üstaşyr harytlaryň çalt daşalmagy we ulag serişdeleriniň kadaly gatnamagy üçin amatly şertleriň döredilmeginde maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär.

Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerlerindäki gümrük nokatlarynyň durkunyň täzelenmegi, maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagy, şeýle hem gümrük işinde maglumat ulgamlarynyň we maglumat tehnologiýalarynyň giňden ornaşdyrylmagy gümrük nokatlarynyň ulag geçirijilik kuwwatlylygyny ýokarlandyrdy.

Ýurdumyzyň gümrük gullugynyň maglumatlaryna görä, durmuşa geçirilýän işleriň netijesinde, 2025-nji ýylyň ýanwar-aprel aýlarynda üstaşyr ýük dolanyşygy geçen ýylyň degişli döwrüne görä 20%-e golaý ýokarlandy. Ýurdumyzyň çäginden 2 million tonnadan gowrak harytlar üstaşyr geçirilip, bu ugurda awtoulagda ýük daşamalar 25%-e golaý we demir ýol ulaglarynda ýük daşamalar 6% ýokarlandy.

Häzirki döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ykdysadyýetimiziň ulaglar ulgamyny ýokary derejä ýetirmekde edýän tagallalary ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmegine, halkyň eşretli durmuşda ýaşamagyna uly goşant goşýar. Ulag we kommunikasiýa düzüminiň has-da kämilleşmeginde bimöçber aladalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Il-ýurt bähbitli alyp barýan işleri elmydama rowaç alsyn!

Jumamyrat GARÝAGDYÝEW,
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Ýurdumyzyň «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» strategiýasy durmuşa geçirilýär

Mälim bolşy ýaly, geçen hepdede türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynda iş saparynda boldy. Bu sapar özüniň netijeliligi bilen tapawutlanyp, türkmen-tatar hyzmatdaşlygy hem-de Türkmenistan-Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň arasyndaky özara gatnaşyklary dürli ugurlarda ösdürmek babatda örän uly häsiýete eýe boldy.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan bilen Russiýanyň arasyndaky gatnaşyklar strategik häsiýete eýe bolup, bu ugurda Russiýanyň iri sebitleri, hususan-da Tatarystan Respublikasy bilen hyzmatdaşlyk hil taýdan täze derejelere çykdy.

Türkmen-tatar hyzmatdaşlygynyň gadymy taryhy bar. Köp ýyllardan bäri Tatarystanyň iri kompaniýalary we kärhanalary ýurdumyzda işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Söwda hyzmatdaşlygy hem yzygiderli artýar. Şunuň bilen baglylykda, nebit ýataklaryny özleşdirmek, nebit önümçiligi, maşyngurluşyk, energetika, farmasewtika, saglygy goraýyş, azyk senagaty we beýleki ugurlarda netijeli gatnaşyklar alnyp barylýar.

Şeýle hem Türkmenistan bilen Tatarystan Respublikasy ynsanperwer ugurlarda, medeniýet, sport, syýahatçylyk, ylym-bilim ulgamlarynda netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Häzirki wagtda Tatarystanyň uniwersitetlerinde 8,5 müňe golaý türkmen talyby dürli ugurlarda ýokary bilim alýarlar.

Gahryman Arkadagymyzyň Kazana saparynyň çäklerinde Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin bilen telefon arkaly söhbetdeşligi boldy. Söhbetdeşligiň barşynda ikitaraplaýyn syýasy-diplomatik gatnaşyklaryň işjeň ilerledilýändigi, türkmen-rus gatnaşyklarynyň iki ýurduň halklarynyň bähbidine yzygiderli pugtalandyrylýandygy bellenildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri «Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum 2025» XVI halkara ykdysady forumda çykyş edip, häzirki wagtda yslam dünýäsiniň öňünde durýan örän wajyp meseleler barada durup geçdi we şunuň bilen baglylykda, yslam ýurtlarynyň Aziýa-Ýuwaş umman sebitinden Ýakyn Gündogar we Ýewropa ýurtlaryna çenli aralykdaky giňişligi birleşdirýän Ýewraziýa energetika, ulag we tehnologiýa guşagyny döretmeginiň zerurdygyny belledi.

Hususan-da, hyzmatdaşlygyň bu gömüşiniň durmuşa geçirilmegi netijesinde energiýa serişdeleriniň, harytlaryň we hyzmatlaryň iň gysga ýollar arkaly iberilmegini üpjün etmäge hem-de örän uly giňişligi, kuwwatly senagat we çig mal merkezlerini birleşdirmäge mümkinçilik açyljakdygyny nygtady. Şunuň ýaly birleşdiriji guşak ählumumy özara hereketleriň köprüsine öwrüler hem-de söwda-baha syýasatyna, bütindünýä ykdysadyýetiniň ýagdaýlaryna we ösüşine oňyn täsir edip biler.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan öz teklip eden «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» strategiýasyny iş ýüzünde işjeň ilerledýär diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady.

Yslam dünýäsi bilen hyzmatdaşlykda Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň ähmiýeti uludyr. Bu gurama Yslam ösüş banky, Yslam ösüş gaznasy, Yslam azyk howpsuzlygy guramasy ýaly bimaçe düzümleri bilen iri halkara guramalaryň biridir.

Dawut MEREDOW,
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallymy.*

# Aşgabat şäheri ägirt uly gurluşyk meýdançasyny ýadyňa salýar

Häzirki wagtda paýtagtymyzyň at-owazasy tutuş dünýäde ylalaşdyryjy merkez, dünýä ýurtlarynyň ykbalyna dahylly bolan parahatçylyksöýüjilik pikirleriň gözbaş alýan ýeri hökmünde giňden tanalyp, döwrebap şähere öwrülýär. 2013-nji ýyldan başlap ýurdumyzda her ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat şäheriniň gününi dabaraly bellemek asylly däbe öwrüldi.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň paýtagty ak mermerli Aşgabat halkymyzyň guwanjy hem buýsanjy siňen mähir ojagyna öwrüldi. Ak mermere beslenen paýtagtymyzyň şöhratly taryhynyň hem-de şu gününiň ylhamly tarypy ynsan kalbyny joşa getirýär. Durmuşa geçirilýän bitewi we sazlaşykly şähergurluşyk meýilnamasynyň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde paýtagtymyzyň täze binagärlik keşbi abadançylygyň we bagtyýarlygyň nyşany hökmünde dünýä ýüzüne nuruny saçýar.

Häzirki döwürde paýtagtymyzda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň binalar toplumynyň, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ýokary okuw mekdebiniň gurluşygy batly depginde dowam edýär. Stomatologiýa merkezi hem gurulýar we bu merkeziň binalarynyň enjamlaşdyrylyşyna, onuň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşyna uly ähmiýet berilýär. Paýtagtymyzyň gözel künjekleriniň birinde 500 orunlyk Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, 160 orunlyk Halkara pediatriýa merkeziniň gurluşygy hem dowam edýär. Paýtagtymyzyň çäklerinde gurulýan binalaryň hatarynda ýokary amatlyklary özünde jemleýän ýaşaýyş jaýlaryna möhüm ornuň degişlidigini bellemeli.



Şeýle hem häzirki zaman talaplaryna we ýokary halkara görkezijilere laýyk derejede enjamlaşdyrylýan orta mekdepleriň gurluşyklaryna möhüm orun degişlidir. Häzirki wagtda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň köpçülikleýin gurulmagy bu ugurda amala aşyrylýan giň möçberli işleriň oňyn netije berýändiginiň mysalydyr. Şol bir wagtyň özünde paýtagtymyzyň ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň gurluşyklaryna möhüm ornuň degişlidigini bellemek gerek. Şunda köpugurly aýlawly ýollaryň, köprüleriň gurluşyklaryna aýratyn ähmiýet berilýär.

Häzirki döwürde paýtagtymyz ägirt uly gurluşyk meýdançasyny ýadyňa salýar. Paýtagtymyzda bilim, saglygy goraýyş, medeniýet we sungat ulgamlaryna degişli desgalaryň köp sanlysynyň gurluşygy alnyp barylýar. Munuň özi gurluşyklaryň köpüsiniň durmuş ulgamyna degişlidigini görkezýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Ak şäherim Aşgabat» atly kitaby hem paýtagtymyz Aşgabada bagyşlanan ajaýyp eserdir. Bu eserde paýtagtymyzyň gözel künjekleri, onuň ösüşi we geljekde ediljek işler beýan edilýär. Ak şäherimiz Aşgabady ylalaşdyryjy merkeze öwren Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun.

**Mähri MEREDOWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# Kitaphanalar – ylym ojagy

Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen ylym, bilim, medeniýet ulgamlarynda durmuşa geçirilýän düýpli özgertmeler netijesinde kitaba, kitaphana berilýän üns has güýçlendi. Ýurdumyzyň ähli ýerinde maddy-enjamlaýyn binýady innowasiýalara esaslanýan bilimler çeşmesiniň merkezleri döredildi. Kitaphanalara elektron we internet hyzmatlary ornaşdyryldy. Kitaphanalarda döwrüň ruhuna kybap işler durmuşa geçirilýär.

Kitaphana täze okyjylary çekmek, olarda kitaba bolan söýgini ösdürmek, bitewi elektron kitaphana ulgamyny hödürlemek, elektron kitaplaryň ähmiýetini wagyz etmek bilen bagly geçirilýän işler aýratyn bellärliklidir. Kitaphana işgärleri alyp barýan işleriniň çäginde mekdeplerde, edara-kärhanalarda täze gelýän edebiýatlaryň göçme kitap sergilerini, medeni-köpçülik çärelerini, döredijilik duşuşyklaryny guraýarlar. Okuwçy we talyp ýaşlaryň arasynda kitaplar bilen tanyşlyklar guralyp, olaryň elektron görnüşleri hakynda wagyz işiniň geçirilmegi oňyn netijesini berýär. Bu tejribe kitaphana bolan gyzyklanmany artdyryp, okamaga gelýän okyjylaryň sanynyň artmagyna getirýär.

Ynsan durmuşynda möhüm rol oýnaýan kitap ähli döwürleriň gymmatly maglumat serişdesidir, bilimleriň çeşmesidir. Häzirki wagtda maglumat ulgamlarynyň ösmegi bilen kitaplaryň elektron görnüşi meşhurlyga eýe boldy.



Elektron kitabyň taryhyna ser salanymyzda, ony döretmek baradaky ilkinji pikir Bob Brauna degişlidir. Ol 1930-njy ýylda bu barada kitap ýazýar. Kagyz ýüzüne ýazylan maglumaty belli bir tizlikde öňe hem yza geçirmek onuň pikiri arkaly beýan edilýär. Kagyz zolaklar şol döwürlerde telegramma ibermekde hem giňden peýdalanylypdyr. Onuň bu pikiri elektron kitabyň taryhynyň gözbaşy hasaplanýar. 1971-nji ýylda amerikaly Maýkl Harta uniwersitetde zähmet çekýän döwründe maşyndan peýdalanmaga berlen goşmaça wagty has peýdaly zada sarp etmegi öňe sürüpdir. Ol bu ugurda ilkinji elektron kitaby taýýarlap, onuň tekstini kompýuterde ýazypdyr. Ilkinji köpçülikleýin elektron kitaplar (elektron okaýjylar) 1998-nji ýylda satuwa goýberilipdir.

Elektron kitaphanalar kitaphana işinde gabat gelýän: neşirleriň az mukdarda çap edilenligi, maglumatlary saklar ýaly meýdanyň ýetmezçiligi, kitaplaryň aýawly saklanmagy ýaly meseleleriň hem çözgüdini ýeňilleşdirýär. Bulardan başga-da, ýiten, zaýalanan kitaplary, resminamalary täzeden dikeltmek mümkinçiliklerini döredýär. Bu bolsa elektron kitaphanalardan kitaplary, maglumatlary dürli görnüşde almagyň elýeterliligini üpjün edýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda innowasiýa işiniň ýerlikli hem-de döwrebap guralmagy we ösdürilmegi netijesinde ýaşlaryň bilim almak, ylym öwrenmek mümkinçilikleri barha ýokarlanýar. Berkarar Diýarymyzda halkymyza halal zähmet çekmäge, döwrebap bilim almaga ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan işlerinde hemişe rowaçlyk arzuw edýäris!

**Parahat EZIZOWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollamurt adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Gök göwher satyldy.** Seýrek duş gelýän mawy göwher Ženewada geçirilen söwdada 21,5 million amerikan dollaryna satyldy. «Ortaýer deňziniň gök daşy» diýlip atlandyrylýan göwheriň agramy 10,3 karata deň. Göwher Günorta Afrikadaky Kullinan diýen meşhur magdan käninden tapyldy. Işlenilmedik göwheriň agramy 31,49 karatdy, soňra ony granladylar.



**Iň gadymy naýzalar.** Ýewropaly antropologlar Saksoniýadan (Germaniýa) tapylan Şöningen naýzalarynyň, takmynan, 200 müň ýyl ozal ýasalandygyny anykladylar. Bu öň pikir edilişinden 100–200 müň ýyl giçdir.



**Galyndylardan döredilen ýaryş ulagy.** Mumbaýda «Envision Energy» kompaniýasy «Recover-E» elektroulagy bilen tanyşdyrdy. Bu Hindistanda elektron galyndylardan döredilen ilkinji ýaryş ulagydyr. Awtoulag köne smartfonlardan we planşetlerden ýasaldy.



**Polatdan 10 esse berk tagta.** «Invent-Wood» amerikan kompaniýasy «Superwood» ady bilen täze gurluşyk materialyny hödürledi. Tebigy agajyň häsiýetlerini saklaýan bu material berkligiň agrama gatnaşygy boýunça polatdan 10 esse berk. Bu tagta oda, suwa çydamly we çüýremäge hemde zyýankeşlere garşy durnukly.



**Öz saçyndan asylyp rekord goýdy.** ABŞ-da 39 ýaşly sirk artisti Leýla Nun saçlaryndan asylyp howada 25 minutdan gowrak saklanmagy başardy. Saçdan asylyp durmak boýunça rekord Kaliforniýanyň Redwud milli seýilgähinde resmi taýdan hasaba alyndy diýip, Ginnesiň rekordlar kitabynyň web saýtynda habar berilýär.



**4-nji ýyl öňdebaryjy boldy.** Dünýäniň iň gymmat brendleriniň arasynda öňdäki orny «Apple» saklap galdy. Onuň bahasy 28% ýokarlanyp, 1,3 trillion amerikan dollaryna ýetdi. Bu ilkinji 100-lüge girýän ähli kompaniýalaryň umumy bahasynyň 12 göteriminden gowragydyr. Bu barada «Kantar» seljeriş kompaniýasy her ýylky «BrandZ» reýtinginde mälim etdi.



**Daşky gurşawa ýetirilen zyýan.** Geçirilen barlaglara görä, dünýäniň uly kompaniýalary soňky ýyllarda howanyň üýtgemegine 28 trillion amerikan dollary möçberinde zyýan ýetiripdir. Bu mukdar ABŞ-nyň geçen ýyldaky jemi içerki önümine deň bolup, ählumumy maýlama sebäp bolýan bug gazlarynyň zyňyndylarynyň netijesini görkezýär.



**Täze muzeýe geçirildi.** Tahrirdäki Müsür muzeýinde ýerleşýän Tutanhamonyň hazynasyndan 163 artefakt Gizadaky Uly Müsür muzeýine getirildi. 3-nji iýulda muzeý resmi taýdan açylar. Faraonyň aramgähi 1922-nji ýylda Luksordaky Şalar jülgesinde arheolog Goward Karter tarapyndan tapyldy.



**Iň irki asman kartasy.** Hytaýyň Milli astronomiýa obserwatoriýasynyň alymlary gadymy hytaý resminamasy «Ussat Şiniň ýyldyz gollanmasyny» öwrenip, munuň ýyldyzly asmanyň iň irki kartasydygyny tassykladylar. Miladydan öň 355-nji ýylda döredilen bu atlas öň çak edilenden iki ýüz ýyl irdir.



**19-njy gezek Ewereste çykdy.** Britaniýaly alpinist Kenton Kul 19-njy gezek Eweresте çykyp, dünýäniň iň beýik depesine çykan daşary ýurtlularyň arasyndaky rekordy täzeledi. 18-nji maýda 51 ýaşly Kul alpinistler topary bilen bilelikde çür depä ýetdi. Kul ilkinji gezek Eweresте 2004-nji ýylda çykypdy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1928-nji ýylyň 23-nji maýynda italýan barlag geçirijisi Umberto Nobileniň ýolbaşçylygynda Şpisbergen adasynyň Nýu-Olesunn diýen ýerinden «Italiýa» dirižably Ýeriň Demirgazyk polýusyna Arktika ekspedisiýasyna başlaýar. 16 adamdan ybarat ekipažly dirižabl Demirgazyk polýusyň üstünden uçup geçýär.**



# Garaşsyz dalaşgär ýeňiş gazandy

18-nji maýda Ýewropa gymmatlyklaryna eýerýän garaşsyz dalaşgär, Buharestiň häkimi Nikuşor Dan Rumyniýada geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda 54,60% sese, onuň bäsdeşi «Rumynlaryň jebisligi üçin bileleşigiň» lideri Jorje Simion bolsa, 46,40% sese eýe boldy. Bu barada Merkezi saýlaw toparynyň web sahypasynda habar berilýär. Rumyniýanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri N.Dany saýlawda ýeňiji diýip yglan etdi.

Rumyniýada geçirilen Prezident saýlawlaryna gatnaşyk soňky 30 ýylda rekord derejede boldy. Ýurduň 11,6 milliondan gowrak raýaty ikinji tapgyrda ses berdiler. Saýlawlara gatnaşyk 64,72% bolup, 4-nji maýda geçirilen birinji tapgyra garanyňda, takmynan, 11% köpdür. Netijeleri ýatyrylan 2024-nji ýylyň ahyrynda geçirilen Prezident saýlawlarynda ses berişlik 52,55% boldy, 2019-njy ýylda geçirilen öňki saýlawlarda rumynlaryň 47,66 göterimi birinji tapgyrda, 49,87 göterimi bolsa, ikinji tapgyrda ses berdiler.

4-nji maýda geçirilen birinji tapgyrda Nikuşor Dan 20,99% bilen ikinji orny eýeläp, Simiondan (40,5%) yza galdy. Ýatlap geçsek, Rumyniýanyň Prezidentiniň saýlawlary gaýtadan geçirildi. 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň ahyrynda geçirilen öňki ses berişligiň netijeleri Konstitusiýa kazyýeti tarapyndan ýatyryldy. Şol wagt saýlawlaryň birinji tapgyrynda ozal ultra-sagçy «Rumynlaryň jebisligi üçin bileleşige» girýän Kelin Jorjesku ýeňiş gazanypdy.




# Parlament saýlawlary geçirildi

**Portugaliýanyň Premýer-ministri wezipesini ýerine ýetiriji Luiş Montenegrunyň ýolbaşçylygyndaky sagçy we merkezi partiýalaryň bileleşigi bolan Demokratik bileleşik 18-nji maýda geçirilen saýlawlarda ýeňiş gazandy. Ses berişligiň netijelerine görä, «Demokratik bileleşik» koalisiýasy sesleriň 33 göterimine eýe boldy we parlamentdäki orunlarynyň sanyny azyndan 89-a ýetirdi. Şeýle-de bolsa, koalisiýa köplük alyp bilmedi, bu bolsa, Premýer-ministriň azlyklaryň hökümetine ýolbaşçylyk etjekdigini aňladýar.**

**Demokratik bileleşigiň lideri Montenegru partiýalaryň ählisi bilen syýasy şertnamalara açykdygyny aýtdy. «Hemmämiz biri-birimiz bilen gepleşip, milli bähbitlerimizi birinji orunda goýmagy başarmaly» diýip, ol saýlawlardan soň, tarapdarlarynyň öňünde eden çykyşynda aýtdy.**

**Aşa sagçy «Chega» («Ýeterlik») partiýasy parlamentde azyndan 58 orny aldy. Sosialistler bary-ýogy 58 orny eýelediler, bu bolsa, 1987-nji ýyldan bäri iň pes netijedir. Sosialistleriň lideri Pedro Nuno Santos eýeleýän wezipesinden çekiljekdigini habar berdi.**



# Ikinji tapgyra çykdylar

**18-nji maýda Polşada geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynda dolandyryjy «Raýat bileleşiginden» dalaşgär Rafal Tşaskowskiý we «Kanun we adalat» (PiS) partiýasynyň dalaşgäri Karol Nawroskiý Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyryna çykdylar.**

**Sesler doly sanalandan soň Tşaskowskiý 31,2%, Nawroskiý 29,7% sese eýe boldy. Üçünji orny «Konfederasiýa» partiýasynyň wekili Slawomir Mentsen (14,9%), dördünji orny «Polşanyň täji konfederasiýasy» partiýasyndan Gžegož Braun (6,4%), bäşinji orny «Polşa 2050» partiýasynyň lideri Şimon Holownýa (5,0%) eýeledi. Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry 1-nji iýunda geçiriler.**



# Tiranada forum guraldy

Albaniýanyň paýtagty Tirana şäherinde Ýewropanyň syýasy jemgyýetiniň (ÝSJ) «Täze dünýäde täze Ýewropa: Agzybirlik – Hyzmatdaşlyk – Bilelikdäki hereket» atly maslahaty geçirildi. Sammite döwlet we hökümet Baştutanlarynyň 47-si, şeýle hem Ýewropa guramalarynyň ýolbaşçylary gatnaşdy.

Gün tertibinde, ilkinji nobatda, howpsuzlyk, migrasiýa we milli ykdysadyýetiň meselelerine garaldy. Şeýle-de ykdysadyýet, hususan-da ygtybarly üpjünçilik zynjyrlaryny goramak we energiýa infrastrukturasyny berkitmek ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. 2022-nji ýylda ýüze çykan energiýa çökgünligi Ýewropanyň syýasy jemgyýetiniň platformasynyň döredilmegine sebäp boldy. Ol Ýewropa syýasatyny utgaşdyrmak üçin resmi däl platformadyr.



Ýewropanyň syýasy jemgyýetiniň çärelerine Ýewropa Bileleşigi ýurtlaryndan başga-da, Türkiýe, Gruziýa, Ermenistan, Azerbaýjan, Beýik Britaniýa, Ukraina we Moldowa gatnaşýar.

Sammit Günbatar Balkanlarda ilkinji gezek geçirildi. Ondan öň Ýewropanyň syýasy jemgyýetiniň sammitleri Çehiýada, Moldowada, Ispaniýada, Beýik Britaniýada we Wengriýada guraldy.

«Albaniýanyň ýer eýesi hökmündäki ähmiýeti ýurduň Ýewropa bilen gatnaşyklaryny çuňlaşdyrmak islegini, sebit we yklym durnuklylygyndaky goşandyny ýüze çykarýar» diýip, forumyň guramaçylary bellediler. Albaniýa 2014-nji ýyldan bäri Ýewropa Bileleşigine agza bolmak üçin dalaşgär bolup gelýär, ýöne resmi taýdan goşulmak baradaky gepleşikler diňe 2022-nji ýylyň tomsunda başlandy.

# IRI YKDYSADY YLALAŞYKLAR GAZANYLDY

ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp Pars aýlagy ýurtlaryna amala aşyran saparynyň dowamynda milliardlarça dollarlyk şertnamalara gol çekdi. ABŞ bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda 200 milliard dollarlyk şertnama baglaşyldy. Bu maýa goýumlar awiasiýa, energiýa we beýleki senagat pudaklaryna, şeýle hem emeli aň pudagyndaky ösüşlere degişlidir. Amerikanyň Prezidenti Saud Arabystanynda 600 milliard dollarlyk, Katarda bolsa 243 milliard dollarlyk şertnama baglaşdy. Şeýlelik bilen, ol Ýakyn Gündogara syýahatyny umumy bahasy 1 trillion dollardan gowrak maýa goýum wadalary bilen tamamlady. ABŞ bilen Pars aýlagy ýurtlarynyň arasyndaky özara maýa goýumlar iki tarap üçin hem peýdaly: Waşington içerki önümçiligi dikeltmäge tagalla edýär, Ýakyn Gündogar bolsa, ýurtlary ykdysadyýetini diwersifikasiýa etmek we nebite garaşlylykdan uzaklaşmak üçin emeli aň ösüşlerini çaltlandyrýar.

### BAE-de iň uly emeli aň şäherçesi gurlar

ABŞ bilen BAE-niň şertnamasynyň özeni Abu-Dabide guruljak 26 inedördül kilometrlik emeli aň şäherçesidir. Kuwwaty 5 gigawata deň bolan bu şäherçe maglumatlary gaýtadan işleýän merkezler üçin niýetlenendir. Bu desga BAE-de ýerleşýän birnäçe amerikan kompaniýalary bilen hyzmatdaşlykda gurlar.

«Sebitdäki hasaplaýyş mümkinçiliklerini üpjün edýän hem-de Global Günorta hyzmat edýän ABŞ-nyň çäklerinden daşardaky iň uly emeli aň şäherçesi, amerikan giperskeýlerlerini we iri



kärhanalaryny kabul eder» diýip ABŞ-nyň Söwda ministrligi mälim etdi. «Bloomberg»-iň habaryna görä, Donald Tramp BAE-niň 2027-nji ýyla çenli her ýyl «Nvidia»-dan 500 müňe çenli ýokary öndürijilikli H100 grafiki gaýtadan işleýiş enjamlaryny import etmäge mümkinçilik berýän şertnamany göz öňünde tutýandygyny aýtdy. Bu çipleriň bäşden biri G42 üçin niýetlenendir.

Şeýle hem ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň Saud Arabystany bilen emeli aň boýunça 80 milliard dollarlyk maýa goýum şertnamasyny baglaşmagy «Nvidia» we ABŞ-nyň beýleki iri kompaniýalarynyň paýnamalarynyň ýokarlanmagyna getirdi. BAE-niň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan bu şertnama «emeli aň pudagynda ýurtlarymyzyň arasynda dowam edýän hyzmatdaşlygyň subutnamasy» diýip baha berdi.

### Beýleki esasy geleşikler

Şeýle hem «Boeing» we «GE Aerospace» BAE-niň milli awiakompaniýasy «Etihad Airways» bilen şertnama baglaşdy. «Etihad», GE hereketlendirijili 787 we 777X modellerini goşmak bilen 28 sany giň uçarlary satyn almaga 14,5 milliard dollar maýa goýmagy wada berdi. Iki kompaniýa hem Donald Trampyň sebit saparyndan iň köp peýdalananlaryň arasynda boldy. Şeýle hem «Boeing» Katar howaýollary bilen 96 milliard dollarlyk şertnama baglaşdy.

Energetika pudagynda ABŞ-nyň «ExxonMobil Corp», «Occidental Petroleum Corp» we «EOG Resources Inc» ýaly kompaniýalary Abu-Dabiniň Milli nebit kompaniýasy (ADNOC) bilen 60 milliard dollarlyk şertnamanyň çäklerinde nebit we gaz önümçiligini giňeltmek üçin hyzmatdaşlyk eder.

# Söwda şertnamalaryna gol çekildi

Beýik Britaniýa we Ýewropa Bileleşigi goranyş, azyk söwdasy, serhet gözegçiligi, şeýle hem Ýewropanyň balyk tutulýan gämileriniň britan suwlaryna çykmagy boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin täze şertnamalar baglaşdy.

«Ylalaşylan şertnamalara laýyklykda, Beýik Britaniýa Ýewropa Bileleşiginiň 150 milliard ýewro möçberindäki goranyş karzy maksatnamasyndan peýdalanyp biler. Mundan başga-da, Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň balyk tutulýan gämilerine britan suwlaryna girişiniň möhleti 12 ýyl uzaldyldy. Şeýle hem taraplar Beýik Britaniýadan Ýewropa Bileleşigine eksport edilýän önümlere sanitariýa we fitosanitar gözegçiligi ýönekeýleşdirmek barada şertnama baglaşdylar.

– Ylalaşyklar býurokratik päsgelçilikleri aýyrmaga, britan ykdysadyýetiniň ösüşini höweslendirmäge we Beýik Britaniýanyň 2020-nji ýylda ÝB-den çykandan soň Ýewropa Bileleşigi bilen gatnaşyklaryny dikeltmäge kömek eder – diýip, sammitden soň geçirilen metbugat ýygnagynda Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Kir Starmer aýtdy.

19-njy maýda Kir Starmer «Brexit»-den soňra ilkinji gezek Londonda geçirilýän «Beýik Britaniýa we Ýewropa Bileleşigi» sammitinde Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen we Ýewropa Bileleşiginiň beýleki ýokary derejeli ýolbaşçylary bilen duşuşdy.



Bu ylalaşyklar 2020-nji ýylda «Brexit» güýje girenden soň ikitaraplaýyn gatnaşyklary «täzeden dikeltmegiň» bir bölegi hökmünde işlenip düzüldi. Gepleşiklerden öň Beýik Britaniýa öz suwlaryna girişiniň möhletini 5 ýyl uzaltmak barada ylalaşypdy.

# 45 ýyldan soň ilat ýazuwy geçiriler

«Owganystanyň Hökümeti 1979-njy ýyldan bäri ilkinji gezek milli ilat ýazuwyny geçirmegi meýilleşdirýär. Bu ýurduň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde esasy ara alnyp maslahatlaşylan mesele boldy» diýip, ýurduň Hökümet Başlygynyň metbugat gullugy habar berdi. Maslahat Owganystanyň Premýer-ministri Mohammad Hasan Ahundyň başlyklyk etmeginde geçirildi. Onuň barşynda umumymilli ilat ýazuwyny geçirmegiň teklip edilen meýilnamasy ara alnyp maslahatlaşyldy.

«Ministrler Kabineti Milli statistika we maglumat edarasyna (NSIA) ilat ýazuwy meýilnamasynyň taslamasyny üns bilen öwrenmegi we indiki Ministrler Kabinetiniň mejlisinde jemleýji hasabaty hödürlemegi tabşyrdy» diýlip habarda bellenilýär. NSIA-nyň müdiri Abdul Kadyra teklibe baha bermek we ilat ýazuwy meýilnamasy barada giňişleýin hasabat taýýarlamak üçin ýörite maslahat geçirmek tabşyryldy. 2023-2024-nji ýyllarda Owganystanyň ilaty 35,7 million adamdan ybarat bolupdyr. BMG-niň käbir edaralarynyň çaklamalaryna görä, häzirki wagtda Owganystanyň ilaty



41,4 million adama deň bolup biler. Owganystanda soňky gezek ilat ýazuwy 1979-njy ýylda geçirildi, ol howpsuzlyk bilen baglylykda, diňe ýurduň etraplarynyň 67 göteriminde guralypdy.

# SAUD ARABYSTANYNDA ZAWOD GURÝAR

Patyşa Salman adyndaky awtoulag klasteriniň çäklerinde Patyşa Abdallanyň ykdysady şäherinde (KAEC) «Hyundai Motor Manufacturing Middle East» (HMMME) zawodynyň düýbüni tutmak dabarasy geçirildi. Bu Saud Arabystanynyň jemgyýetçilik maýa goýum gaznasy (PIF) bilen «Hyundai Motor Company»-nyň bilelikdäki kärhanasydyr. Bahasy 1 trillion amerikan dollary töweregi paýnamalary dolandyrýan PIF häzirki wagtda HMMME-niň 70 göterimine, «Hyundai» bolsa, galan 30 göterimine eýeçilik edýär.

«Hyundai»-yň Ýakyn Gündogardaky ilkinji zawody 2026-njy ýylyň dördünji çärýeginde awtoulag önümçiligine başlar. Zawodda her ýyl 50 müň awtoulag, şol sanda içinden otlanylýan hereketlendirijili ulaglar we elektroulaglar öndüriler.



PIF-iň müdiriniň orunbasary we Ýakyn Gündogar hem-de Demirgazyk Afrika sebiti üçin maýa goýumlar bölüminiň başlygy Ýazid A.Alhumeýd gazna üçin bu wakanyň ähmiýetini belläp, onuň Saud Arabystanynyň awtoulag pudagyny ösdürjekdigini belledi. Onuň sözlerine görä, PIF strategik hyzmatdaşlygyň üsti bilen ýurduň awtoulag ekoulgamynyň ösüşine itergi berer, ýerli başarnyklary ösdürer, ösen tehnologiýalary çekmäge we awtoulag pudagynda ýokary hünärli iş orunlaryny döretmäge kömek eder.

«Hyundai Motor Group»-yň başlygynyň orunbasary Jehon Çang zawodyň düýbüniň tutulmagyny, Saud Arabystany we «Hyundai» üçin täze eýýamyň başlangyjy diýip atlandyrdy. Bilelikdäki kärhananyň «Vision 2030» meýilnamasyna laýyklykda, ösen başarnyklary we tejribeleri üpjün etmek arkaly sebitiň zehinli ýaşlarynyň ösmegine goşant goşjakdygyna umyt bildirdi.

Täze zawod ýerli işçi güýjüniň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, müňlerçe iş ýerini döreder we bilim alyşmaga hemde başarnyklary ösdürmäge ýardam berer. «Hyundai»-yň awtoulag önümçiligi Saud Arabystanynyň awtoulag we ulag ekoulgamynyň ösüşini çaltlandyrar. Bellenilişi ýaly, HMMME zawody we «Hyundai» bilen hyzmatdaşlyk PIF-iň awtoulag pudagynda Saud Arabystanynyň ornuny berkitmäge gönükdirilen başlangyçlarynyň bir bölegidir.



# IŇ KÖP SYÝAHAT EDILÝÄN MILLI SEÝILGÄHLER

**Syýahatçylyk pudagynda şäherler, taryhy binalar we täsin ýerler bilen bir hatarda, milli seýilgähler hem uly orun eýeleýär. Uly meýdany tutýan milli seýilgähler ýabany jandarlaryň we ösümlikleriň jemlenen ýeri hasaplanýar. Tebigy taýdan owadan we gaýtalanmajak özboluşlylygy emele getirýän milli seýilgähler, esasan, ABŞ-da, Ýaponiýada, Hindistanda we Awstraliýada ýerleşýär. Geliň, iň köp syýahat edilýän milli seýilgähler bilen tanyş bolalyň!**

**Ýosemiti, Uly Kanýon we Ýellouston, ABŞ.** Kaliforniýa ştatyndaky 3 müň 81 inedördül kilometr meýdany tutýan Ýosemiti milli seýilgähi göm-gök suwly kölleri, granit gaýalary, şarlawuklary, arça we sekwoýa tokaýlary bilen syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen bu seýilgäh gara aýylary bilen hem meşhurdyr.

Arizona ştatynyň serhedinde ýerleşýän Kolorado derýasynyň kenaryndaky Uly Kanýonda älemgoşar reňkli jülgeler, dik eňňitler we gaýa gatlaklary bar. Uly Kanýonyň käbir gaýalarynyň beýikligi 1600 metre ýetýär. Seýilgähde möjek, garaguş, sugun, dag arslany, gara aýy we keýik sürüleri ýaşaýar.

Ýellouston milli seýilgähi Idaho, Montana we Waýoming ştatlarynyň çäginde ýerleşýär. 8 müň 987 inedördül kilometr meýdany tutýan bu seýilgähde 10 müňden gowrak gyzgyn suwly çeşme, 300-den gowrak geýzer we 300-e golaý şarlawuk bar. Seýilgähde, esasan, grizzly aýysy, bizon, garynjanyň dürli görnüşi, koýot hem-de garagulak ýaşaýar. Bu milli seýilgählere her ýyl 5 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

**Iguasu milli seýilgähi, Argentina.** Argentina bilen Braziliýanyň serhedinde ýerleşýän Iguasu milli seýilgähi 550 inedördül kilometr meýdany tutýar. Dünýäniň iň owadan şaglawuklaryny özünde jemleýän Iguasu milli seýilgähinde ösümlikdir janly-jandarlaryň 2 müňden gowragy duş gelýär. Seýilgähde 275 töweregi şarlawuk bolup, iň ulusy «Iblisiň bokurdagy» diýlip atlandyrylýar. Ini 150 metr, uzynlygy 700 metr bolan bu şarlawuk iň owadan tebigy gözelligiň biridir. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen, syýahatçylyk pudagynda öňdäki orny eýeleýän Iguasu milli seýilgähine her ýyl 2 million syýahatçy barýar.









**Galapagos milli seýilgähi, Ekwador.** Dünýäniň iň gyzykly we täsin ekoulgamlarynyň biri bolan Galapagos milli seýilgähiniň 97 göterimi janly-jandarsyzdyr. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen bu milli seýilgähde, esasan, pyşbagadyr pingwinler ýaşaýar. Bulardan başga-da, iguanalara, gannetlere we deňiz arslanlaryna duş gelmek bolýar. Galapagosa baran syýahatçylar ýabany jandarlaryň arasynda arkaýyn gezelenç edip, pingwinler bilen ýakyndan surata düşüp bilýärler. Bu ýere her ýyl 300 müň töweregi syýahatçy barýar.

**Serengeti, Kilimanjaro, Tanzaniýa.** 14 müň 763 inedördül kilometr meýdany eýeleýän Serengeti milli seýilgähinde Afrikanyň «Uly başligi» diýlip atlandyrylýan arslanlar, piller, gaplaňlar, kerkler we ýabany öküzler ýaşaýar. Dünýäniň iň gadymy ekoulgamlarynyň biri bolan Serengetide howanyň, ösümlikleriň we haýwanat dünýäsiniň millionlarça ýyl bäri hiç hili üýtgemändigi aýdylýar.

ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Kilimanjaro milli seýilgähi Afrikanyň iň beýik nokady bolan Kilimanjaro dagynyň (5895 metr) eteginde ýerleşýär. Milli seýilgähde gyrymsy agaçly tokaýlar, çemenlikler bolup, esasan, piller, gök maýmynlar, lemurlar we gaplaňlar ýaşaýar. Bu seýilgählere her ýyl 50 müňden gowrak syýahatçy barýar.

**Çitwan milli seýilgähi, Nepal.** ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Çitwan milli seýilgähi Bangladeş gaplaňlarynyň ýygnanan ýeridir. 932 inedördül kilometr meýdany tutýan seýilgähde 68 dürli süýdemdiriji, 544 görnüşli guş we 126 görnüşli balyk ýaşaýar. Şeýle hem seýilgähde seýrek duş gelýän bir şahly kerk, Bengal gaplaňy hem-de Gang krokodili ýaşaýar. Çitwan milli seýilgähine her ýyl 300 müň syýahatçy barýar.









**Komodo milli seýilgähi, Indoneziýa.** Komoda milli seýilgähi dünýäniň iň uly süýrenijisi bolan «komoda aždarhasynyň» ýaşaýan mekanydyr. 3 uly we 26 kiçi adany öz içine alýan bu seýilgäh 1 müň 733 inedördül kilometr meýdany tutýar. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawynda görkezilen Komoda milli seýilgähinde sawannalar hem bar. Deňiz durmuşyna baý seýilgähde akula, balyklar, deňiz towşanlary, oktopus, deňiz merjenleri hem ýaşaýar. Adamlar üçin howpsuz bolan «komoda aždarhasyny» görmek üçin her ýyl 50 müň syýahatçy barýar.

**Kaziranga milli seýilgähi, Hindistan.** 500 inedördül kilometr meýdanda ýerleşýän bu seýilgähde dünýädäki kerkleriň üçden iki bölegi ýaşaýar. 2006-njy ýylda gaplaňlaryň goraghanasy hökmünde yglan edilen seýilgäh batgalyklardan we tropik tokaýlyklardan ybarat. Brahmaputra derýasyny öz içine alýan seýilgähde pil, ýabany buffalo, sugun, gaz, kerk we gaplaň duş gelýär. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen bu seýilgähe her ýyl 300 müňden gowrak syýahatçy barýar.

**Fuji-Hakone-Izu milli seýilgähi, Ýaponiýa.** Fuji dagyny, Fuji kölüni, Hakone şäherini we Izu adalaryny öz içine alýan Fuji-Hakone-Izu milli seýilgähi 1936-njy ýylda döredilýär. 1 müň 227 inedördül kilometr meýdany tutýan, 100-den gowrak wulkan adalaryny özünde jemleýän bu seýilgähe her ýyl 100 million syýahatçy barýar.

**Uly Barýer rif deňiz seýilgähi, Awstraliýa.** Kwinslendiň golaýyndaky Merjen deňzinde ýerleşýän Uly Barýer rif deňiz seýilgähi 344 müň 400 inedördül kilometr meýdany eýeleýär. 2900 rifden, 900 adadan ybarat dünýäniň iň uly rif ulgamy ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen milli seýilgähleriň biridir. Gök kitleriň mekany bolan bu ýerde deňiz pyşbagasy, dugonga, 1 milliondan gowrak balyk, merjen, akula we meduza ýaşaýar. Uly Barýere her ýyl 3 million töweregi syýahatçy barýar.

# SAHARA ÇÖLÜNDÄKI TÄSINLIK

**Mawritaniýanyň demirgazyk-günbataryndaky Adrar sebitinde, Wadan şäheriniň golaýynda ýerleşýän «Rişat gurluşy» Afrikanyň täsin ýerleriniň biri hasaplanýar. Çöllük ýerde emele gelen göze meňzeş ullakan tegelek görenleri haýran galdyrýar. Diametri 40 kilometre barabar bolan bu tegelek halk arasynda «Saharanyň gözi» ady bilen tanalýar.**



**Kosmosdan seredeniňde sungat eserine meňzeýän bu äpet gurluş ilkibaşda meteorit krateri hasaplanýardy. Emma soňky ýyllarda geçirilen barlaglarda göze meňzeş täsinligiň tebigy ýagdaýda emele gelendigi ýüze çykaryldy. Alymlaryň bellemegine görä, magma gatlagy ýerasty çökündileri we gaty jisimleri ýeriň ýüzüne itekläp çykarypdyr. Ýeriň üstünde emele gelen gümmez ýaly belentlik ýel we suw eroziýasynyň täsiri netijesinde aýlaw-aýlaw halka görnüşinde göz şekilli gurluşa öwrülipdir. Şeýlelikde «Saharanyň gözi» emele gelipdir.**

**Sahara çölündäki bu täsinligiň gurluşy çägeden, ownuk daşlardan we hekden ybarat. Daşarky uly halkalar gaty jisimlerden (hek we daş), içerki kiçijik halkalar bolsa mineral çökündilerden emele gelipdir. Halkara kosmos stansiýasyndan alnan suratlar «Rişat gurluşynyň» gözelligini doly synlamaga mümkinçilik berýär.**

**Käbir maglumatlarda göze meňzeş bu tegelegiň ir döwürler ýitip giden Atlantis şäheri bolup biljekdigi aýdylýan hem bolsa, esasy deliller «Rişat gurluşynyň» tebigy gözellikdigini tassyklaýar. Sebäbi bu ýerde geçirilen arheologik barlaglarda şähere mahsus hiç bir galyndy tapylmady.**

**«Saharanyň gözi» ylmy taýdan hem özüne çekiji ýerleriň biridir. Bu ýeriň mineral gatlaklary geçmişdäki howa şertlerini öwrenmäge ýardam edýär. Mundan başga-da, tegelegiň töwereginden tapylan daş gurallary bu ýerde has irki döwürlerde gadymy halklaryň ýaşandygyny görkezýär.**

# ÇAGALAR

**Ýeriň iň beýik nokady bolan Jomolungma depesinde (8848 metr) suw 70 derejede gaýnaýar.**

## Tomusky dynç alşy nähili geçirmeli?!

**2024-2025-nji okuw ýyly hem tamamlanyp barýar. Ýene-de birnäçe günden tomusky dynç alyş möwsümi başlanýar. Göräýmäge täze okuw ýylyna köp wagt bar ýaly. Emma tomusky dynç alyş derrew geçýär. Ata-babalarymyz wagty tygşytly ulanmagy ündäpdirler. Şol sebäpli tomusky dynç alşy meýilnamalar esasynda gyzykly we peýdaly geçirmeli.**

**DYNÇ ALMAK.** Okuw möwsümi tamamlanandan soň, mekdep okuwçylarynyň köpüsi çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezlerine gidýärler. Siz hem ýurdumyzyň deňiz kenarlarynda, dag eteklerinde we sähralyklarynda ýerleşýän şeýle merkezlere gidip dynç alyp bilersiňiz. Çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga, täze zatlary öwrenmäge, esasan hem, täze dostlar tutunmaga uly mümkinçilik döreýär.

**GEZELENÇ ETMEK.** Dünýägaraýşyňyzyň giňemeginde gezelenç etmegiň ähmiýeti örän uludyr. Bu babatda ýaşaýan ýa-da myhmançylyga baran ýeriňiziň golaýyndaky taryhy ýadygärliklere we muzeýlere gezelenç edip bilersiňiz. Mundan başga-da, maşgala agzalaryňyz bilen bilelikde paýtagtymyza we ýurdumyzyň beýleki şäherlerine gezelenç edip, wagtyňyzy gyzykly geçirip bilersiňiz. Taryhy ýerlere we muzeýlere baranyňyzda, ol ýer barada has giňişleýin maglumat öwrenmegi ýadyňyzdan çykarmaň!

**DÖREDIJILIK BILEN MEŞGULLANMAK.** El we akyl güýji bilen ýerine ýetirilýän işlere güýmenmek, döredijilik bilen meşgullanmak hem tomusky dynç alyşda edilmeli işleriň biridir. Mysal üçin, hekaýa okamagy ýa-da goşgy ýat tutmagy halaýan bolsaňyz, hekaýa ýa-da goşgy ýazmaga synanyşyp görüň! Şeýle hem senetçilik bilen meşgullanmagy halaýanlaryňyz bar bolsa, jigileriňiz üçin oýnawaçdyr oturgyç hem ýasap bilersiňiz.




**ÇEPER ESER OKAMAK.** Mekdep kitaphanasyndan ýa-da beýleki kitaphanalardan özüňiz üçin gyzykly kitaplary alyň! Şeýle hem okuw esbaplary satylýan dükanlardan özüňiz üçin kitap alyp bilersiňiz. Kitabyň sahabynyň iç ýüzüne alan wagtyňyzy bellik etseňiz, ulalanyňyzda haçan nähili kitap alanyňyzy bilmegiňizi üçin peýdaly bolar. Agşamlaryna kitap okamak siziň täze sözleri öwrenmegiňize, dil baýlygyny artdyrmagyňyza ýardam eder. Şeýle hem okan çeper eserleriňizdir hekaýalaryňyzy maşgala agzalaryňyza gürrüň bermek hem ýatkeşligiňiziň ösmegine itergi berer.

**DIL WE OKUW MERKEZLERINE GATNAMAK.** Tomusky dynç alyş möwsüminde özüňiziň gyzyklanýan ugruňyzdan – dil öwrenmek, kompýuter sowatlylygyny ýokarlandyrmak, surat çekmek, senetçilik önümlerini ýasamak ýaly ugurlardan dil merkezlerine gatnap bilersiňiz. Dil merkezlerine gatnamak – belli bir ugurdan kämilleşmek siziň geljekde hünär saýlamagyňyza ýardam eder. Şeýle hem özüňize ýakyn bolan sport görnüşine has kämilleşmek üçin sport mekdeplerine gatnap bilersiňiz.

**SPORT BILEN MEŞGULLANMAK.** Dynç alyş möwsüminde sport bilen meşgullanmaga has köp üns bermeli. Mysal üçin, ýüzmegi halaýan ýa-da öwrenmek isleýän bolsaňyz, ýörite suw-sport desgalaryna gatnap bilersiňiz. Mundan başga-da, futbol, karate, woleýbol, basketbol ýaly sportuň beýleki görnüşleri bilen hem meşgullanmak üçin sport meýdançalaryndan we desgalaryndan peýdalanyp bilersiňiz.

**ÖÝ IŞLERINE KÖMEK ETMEK.** Maşgala agzalaryňyza, dogan-garyndaşlaryňyza kömek etmek, olar bilen has köp wagt geçirmek tomusky meýilnamada ýerine ýetirilmeli işleriň biridir. Ataňyz, eneňiz, babaňyz, mamaňyz we beýleki garyndaşlaryňyz isle golaýda ýaşaýan bolsun, isle-de uzakda gezelenje gitseňiz, hem olary begendirersiňiz, hem özüňiz begenersiňiz. Ýaşulularyň gürrüň berjek ýatlamalary sizde ýakymly duýgulary döreder. Şeýle hem olardan milli däp-dessurlarymyza, gymmatlyklarymyza degişli zatlary öwrenersiňiz.

## SUW NÄÇE DEREJEDE GAÝNAÝAR?

**Suw 100 derejede gaýnaýan organiki däl birleşmeleriň biridir. Suw islendik gyzgynlykda bugaryp we ýylap bilýär. Emma tagamsyz, yssyz we reňksiz bu himiki madda 100 derejeden soňra dolulygyna gaýnaýar. Suwuň gaýnamagyna, ilki bilen, düzümindäki minerallar we duzlar täsir edýär. Mysal üçin, deňiz suwy (şor suw) süýji suwa görä, haýal gaýnaýar. Adaty suw -32 derejede doňýan bolsa, şor suw -28 derejede gaty hala geçýär.**

**Suwuň gaýnamagyna täsir edýän ýagdaýlaryň ýene biri hem atmosfera basyşydyr. Suwuň gaýnaýşy basyşa görä üýtgeýär. Atmosfera basyşy ýokary çykylanda peselýär, ummanlaryň düýbüne çümülende bolsa beýgelýär. Şol sebäpli has uly belentliklerde suw az derejede gaýnaýar. Mysal üçin, atmosfera basyşynyň kadaly ýagdaýynda suw 100 derejede gaýnaýan bolsa, Ýeriň iň beýik nokady bolan Jomolungma depesinde (8848 metr) suwuklyk 70 derejede gaýnaýar. Deňiz derejesinden has pes ýerlerde bolsa suwy gaýnatmak üçin 120-130 dereje gyzgynlyk gerek bolýar.**

## Äýnegiň taryhyndan

Ilkinji äýnegiň nirede oýlanyp tapylandygy barada dürlüçe pikirler bolup, köp maglumatlarda rimlileriň kiçi zatlary ulaldyp görkezýän tegelek aýnaly guraly ulanandyklary aýdylýar. XII asyrda hytaýly kazylaryň hem gözüni örtüp duran enjamlardan peýdalanandyklary barada ýazgylar bar.





Taryhy maglumatlara görä, ilkinji dakylýan äýnegi XIII asyrda italiýaly Salwino D'Armati oýlap tapýar. Bu äýnek iki sany ýönekeý tegelek aýna bölekden düzülip, agaçdan ýa-da haýwanyň şahyndan ýasalan çarçuwa berkidilipdir. Şeýle hem burnuň üstünde saklanýan ilgençegi ýa-da uzyn tutawajy bolupdyr. 1700-nji ýyllarda äýnegiň gulaga ildirilýän bölegi oýlanyp tapylyp, oňa «elsiz äýnekler» diýlip at berilýär. XVIII asyrda gaýçy ýaly ýygnalýan jübi äýnekleri ýörgünli bolup başlaýar. 1800-nji ýyllaryň başynda görüş bulaşyklygyny düzetmek üçin özboluşly linzalar işlenip düzülip, äýneklere oturdylyp başlanýar.

1900-nji ýyllarda, esasan, äýnekleriň daşky görnüşine uly üns berilýär. 1929-njy ýyldan başlap Gün şöhlesini yzyna serpikdirýän, lukmançylyk taýdan tassyklanan ýalpyldamaýan gündelik äýnekler öndürilip başlanýar. 1980-nji ýylda döwülmeýändigi hem-de ýeňildigi bilen tapawutlanýan plastik linzalaryň oýlanyp tapylmagy bilen äýnekler döwrebap görnüşe geçýär. Häzirki wagtda döwrebap tehnologiýalar bilen ugurdaş ösdürilýän äýnekleriň ýagtylygy serpikdiriji, gözüňi Gün şöhlesinden goraýan, görşi gowulandyrýan hem-de 3 ölçegli (3D) görnüşleri bar. Äýnek önümçiliginde iň öňdebaryjy ýurt Hytaý bolup, ondan soňra degişlilikde Germaniýa, Angliýa we Fransiýa gelýär. Skandinaw ýurtlary dünýäde iň köp äýnek dakynylýan ýurtlar hasaplanýar.

Köpler äýnegi gözüni ýagtylykdan goramak üçin dakynýan bolsa, käbir adam ownuk hatlary okamak we uzakdaky zady saýgarmak üçin, käbirleri bolsa gelşikli görünmek üçin dakynýar. Gelşikli görünmek üçin dakynylýan hem bolsa gara äýnekler gözüňi Gün şöhlesinden, beýleki ýiti ýagtylyk çeşmelerinden we tozandan goramaga ýardam edýär.

### Labirint



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### 10 tapawudy tapyň!





### Gyzykly pursat





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# SAHNA ONUŇ YKBALY

Şu ýyl Halkara zenanlar gününiň öňüsyrasynda ýurdumyzyň teatrlarynyň arasynda «Mähre doly eneleriň ýüregi» ady bilen döredijilik bäsleşigi geçirilip, her teatr özüniň täze taýýarlan spektakllaryny halk köpçüligine hödürledi. Ýurdumyzyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň döredijilik topary hem Türkmen döwlet medeniýet institutynyň magistranty Kerim Atçapanowyň edebi eseri esasynda, Türkmenistanyň halk artisti Gülälek Akmyradowanyň sahnalaşdyran «Mukaddeslige tagzym» atly täze spektaklyny halk köpçüligine hödürledi. Spektakldaky wakalar eneler hakynda bolup, maşgala durmuşy, gaýyn bilen gelniň arasyndaky gatnaşyk hakynda geçýär. Obada ýaşaýan mährem enäniň ýeke didary Arslan paýtagtymyzdaky ýokary okuw mekdepleriniň birine okuwa girýär. Ol okuwy tamamlanyndan soň zähmet ýoluna paýtagtda başlaýar. Soňra Arslan Göwher atly gyz bilen durmuş toýuny tutýar. Onuň bir gyzy, bir ogly dünýä inýär. Soňra ýaşlara içinde hemme amatlyklary bolan täze jaýa göçüp barmak bagty miýesser edýär. Ene täze jaýyy gutlamak hem-de agtyklaryny, gelnini, oglunу görmek maksady bilen paýtagta sary rowana bolýar.



Ene oglunyňka geleninden soň gelni Göwheriň özüne sowuk-sala garaýandygynyň şaýady bolýar. Şol ýerde hem durmuşyň dartgynly pursatlary başlanýar.

Ýakynda «Mukaddeslige tagzym» spektaklynda enäniň keşbini çyn ýürekden janlandyryp, teatr muşdaklarynyň söýgüsine mynasyp bolmagy başaran Türkmenistanyň at gazanan artisti Jennet Paltaýewa bilen söhbetdeş bolup, onuň döredijilik ýoly baradaky gyzykly malumatlary okyjylar köpçüligine ýetirmegi makul bildim.

Lebap welaýatynyň Saýat etrabynyň Awçy daýhan birleşiginde gullukçy maşgalasynda dünýä inen Jennet turuwbaşdan sungata maýyl bolýar. Jennet başlangyç bilimi obalaryndaky 14-nji orta mekdepde alýar.

Jennet mekdeplerinde hereket edýän drama we aýdym-saz gurnaklaryna gatnaşyp, etrap merkezlerinde geçirilýän gözden geçirişlerde we bäsleşiklerde ýeňiji bolup başlaýar.

Jennetiň geljekde teatr artisti bolup ýetişmegine, megerem, kakasy Jumageldi aga sebäp bolan bolsa gerek. Jumageldi hem ýigit çykanyndan soň artist bolmagy ýüregine düwüp, Aşgabada sary rowana bolýar. Ol paýtagtda Artyk Jallyýew bilen Baba Annanowa duşup, özüniň artist bolmak isleýändigini aýdanynda olar özleriniň hem şol arzuwdadyklaryny, munuň üçin bolsa Daşkent şäherine gitmekçidiklerini Jumageldä aýdýarlar. Jumageldi bu habary ene-atasyna eşitdirende, olar ör-gökden gelip, ony gaýry ýurda okuwa ugradyp, ynjalyp oturyp bilmejekdiklerini aýdyp, garşy çykýarlar. Eger Jumageldi Daşkende artistlik ugrundan okamaga giden bolsa halk artistlerimiz Artyk Jallyýew we Baba Annanow bilen bile okamaly eken.

Şondan soň Jumageldi Lebabyň mugallymçylyk hünärinden taýýarlaýan ýokary okuw mekdebine rus dili ugrundan okuwa girýär. Ol okuwyny tamamlanyndan soň, obalaryndaky 14-nji orta mekdepde rus dili mugallymy bolup zähmet çekýär.

Kakamyň islän käri artist bolmak bolany hem-de şol islegine ýetip bilmändigi sebäpli meniň artist bolmak höwesime garşy bolmady. Ejem hem göwnedi. Şeýdip men 1987-nji ýylda orta mekdebi tamamlap Mollanepes teatrynyň ýanyndaky artistleri taýýarlaýan üç ýyllyk teatr studiýasyna resminamalarymy tabşyryp, döwlet synaglaryndan üstünlikli geçip, okap başladym. Türkmenistanyň halk artistleri Aman Gurbandurdyýew, Baba Annanow, Nurmuhammet Keşşikow, Welmyrat Amanow ýaly ussatlardan artistlik käriniň inçe tilsimlerini öwrenip başladym. Meniň bilen bile soň hormatly atlara mynasyp bolan Juma Kowusow, Tirkişmuhammet Rüstemow, Magtymguly Hudaýberdiýew, Maksat Altaýew, Annaçary Kakabaýew, Amanbibi Abdyrahmanowa dagy hem okaýardylar. Halypa mugallymlarym maňa Mollanepes teatrynyň sahnasynda taýýarlanýan spektakllaryň hemmesinde diýen ýaly kiçeňräk keşpleri janlandyrmagy ynanýardylar. Maňa halk artisti Ata Alowowyň sahnalaşdyran «Keýmir kör» spektaklynda Tylla gyzyň, «Mollanepes» spektaklynda Gülälegiň, «Hüwdi» atly spektaklynda bolsa Altynsaç atly gyzyň keşbini janlandyryp, mugallymlarymyň minnetdarlyklaryny gazanmak başardypdy – diýip, Jennet talyplyk ýyllaryny buýsanç bilen ýatlaýar.

Okuwyň soňky ýylynda Jennediň okaýan topary diplom işi üçin halk artisti Aman Gurbandurdyýewiň «Horezmin» atly spektaklyny sahnalaşdyrýar. Jennede bu sahna oýnunda enäniň keşbini janlandyrmagy tabşyrýarlar. Oňa ýaşlygyna garamazdan garry enäniň keşbini ussatlarça janlandyrmak başardýar. Ol mugallymlarynyň we talyp ýoldaşlarynyň sag bolsunlaryna mynasyp bolýar. 1991-nji ýylda teatr studiýany üstünlikli tamamlan Jennedi şol wagtlar hereket edýän Ýaş tomaşaçylar teatryna işe ýollaýarlar. Bu teatryň









sahnasynda Jennet ýaş artist hökmünde «Babagammar» spektaklynda Mähri atly gyzjagazyň keşbini höwes bilen janlandyryp, teatrda ýene-de bir ýaş zehiniň peýda bolandygyny subut etmegi başarýar.

1992-nji ýylda ol ýene-de Mollanepes teatryna işe kabul edilýär. Bu teatryň sahnasynda Jennet Paltaýewa ençeme spektakllarda biri-birine meňzemeýän keşpleriň birnäçesini janlandyrýar. Olardan «Şa gyzy Turandot» atly spektaklda baş gahryman Turandotyň jorasy Zelimäniň, «Medeýa» atly sahna oýnunda horuň baştutanynyň (bu spektakl şol ýyl geçirilen Nowruz festiwalynda baýrakly orna mynasyp bolýar), «Gala» spektaklynda Arman gyzyň, «Soltansöýün Myraly» spektaklynda Gülpamygyň, «Saňa ýalan maňa çyn» spektaklynda Gumry ejäniň, «Sen söýseň meni» oýnunda Ogulgurbanyň, «Däli Domrul» oýnunda enäniň, «Hoşlaşasym gelenok» spektaklynda daýzanyň, «Dessembil» spektaklynda Gurbanjemalyň, «Sakawyň soňuna seret» oýnunda Nurjemalyň, «Söýgüde serhet bolmaz» oýnunda Akbäbegiň, «Gelin gelýär» spektaklynda Ýamanjanyň keşpleri Jennedi meşhur eden keşpler bolupdy. Jennet Paltaýewany kino muşdaklarymyz hem tanaýan bolsa gerek. Çünki Jennet «Türkmenfilm» kinostudiýasy bilen hem ýakyndan aragatnaşyk saklaýar. Şu günki güne çenli ol ençeme çeper, çeper-publisistik filmlerde dürli keşpleri janlandyryp, ençeme filmleri bolsa özüniň mahmal sesi bilen bezäp gelýär. Şu ýerde Jennediň filmlere ses bermegiň ussadydygyny-da agzap geçesim gelýär.

Kinorežissýor, Türkmenistanyň halk artisti Halmämmet Kakabaýew «Toba» atly filmi surata düşürmekçi bolanda, ýaş enäniň keşbini janlandyrmagy Jennede tabşyrýar. Kinorežissýor Ilmyrat Bekmiýewiň «Ak guşuň owazy» atly filminde Jemalyň keşbini, «Söýgi öwrümleri» atly filminde bolsa esasy gahryman bolan ejäniň keşbini janlandyrmagy Jennede tabşyrýar.

Şonuň ýaly-da ol kinorežissýor, Türkmenistanyň at gazanan artisti Şirli Mollaýewiň «Magtymguly» atly filminde goňşy aýalyň, «Uzakdaky daň ýyldyzy» filminde enäniň keşplerini janlandyrýar. Jennet Paltaýewa diňe bir teatr sahnasynda ýa-da kino sungatynda çykyş etmek bilen çäklenmän, eýsem, türkmen radiosy bilen hem ýakyndan aragatnaşyk saklap gelýär. Onuň «Miras» radioýaýlymynda ýaýlyma berilýän oýunlarynda-da mahmal sesini eşitmek bolýar. Radioda taýýarlanýan radio oýunlarda diňe sesiň bilen keşp janlandyrmaly, bu bolsa mahmal sesli zehine başardýar.

Jennet Paltaýewa 1996-njy ýylda «Gala» spektaklynda janlandyran keşbi üçin «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar. 2011-nji ýylda Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda ýubileý medaly, 2017-nji ýylda bolsa «Watana bolan söýgüsi üçin» diýen medal bilen sylaglanýar. Jennet Paltaýewa teatryň sahnasynda, kinofilmlerde janlandyran keşpleri bilen halk köpçüliginiň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolmagy başaran zenandyr. Bu günki gün ussat halypa Jennet Paltaýewa öz ykbalyny baglan kärine, gyzyna we agtygyna guwanyp ýaşaýar hem-de döredijilikli zähmet çekýär. Söhbetdeşligimiziň ahyrynda Jennet Paltaýewa Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli medeniýetimizi we sungatymyzy ösdürmek, ony ajaýyp döwrümiziň belent maksatlaryna laýyklykda baýlaşdyrmak ugrunda beýik işleri durmuşa geçirýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, döwlet ähmiýetli işlerinde rowaçlyklary arzuw etdi.

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hünärmeni.*

## TÄZE FILM

**Ady:** «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa: soňky haklaşyk» (Mission: Impossible – The Final Reckoning); **Režissýory:** Kristofer MakKuarri; **Keşplerde:** Tom Kruz, Haýli Atwell, Wing Rames, Saýmon Pegg, Henri Çerni, Anjela Bassett; **Ssenariçi:** Kristofer MakKuarri, Erik Jendresen (Brýus Gelleriň adybir eseri esasynda); **Prodýuseri:** Tom Kruz, Kristofer MakKuarri; **Kompozitory:** Maks Aruž, Alfi Godfri; **Öndüriji:** «Paramount Pictures», «Skydance», «TC Productions»; **Paýlaýjy:** «Paramount Pictures»; **Dowamlylygy:** 170 minut; **Görnüşi:** uruşly, başdangeçirme; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 300–400 million $.




Ussat režissýor Braýan de Palma tarapyndan surata düşürilen we 1996-njy ýylyň 22-nji maýynda ilkinjisi ekranlara çykan «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa» filminiň iň soňkusy şu günden başlap, tutuş dünýä prokatlarynda orun alar. Şondan bäri geçen 29 ýylda 8 film öndürildi. Ussat aktýor, şol bir wagtyň özünde kaskadýor hem bolan Tom Kruzuň baş keşpde surata düşen «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa» filmleriniň sekizinjisine-de Kristofer MakKuarri režissýorlyk edýär. Ol 5–6–7-nji filmleri hem ekranlaşdyrypdy. Birleşen patyşalykda, Maltada, Norwegiýada, Günorta Afrikada surata düşürilen filmde Tom Kruza ussat aktýor Wing Rames (7 filmde surata düşdi), Saýmon Pegg (diňe 1-2-nji filmlerde çykyş etmändi), Henri Çerni hem-de tanymal aktrisalar Haýli Atwell, Pom Klementieff, Anjela Bassett dagy ýoldaşlyk edýär.

Bu ekran eseri «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa» filmleriniň iň köp çykdajy edilen bölümi bolup, 170 minutlyk kino üçin 300–400 million amerikan dollary aralygynda maliýe serişdesi sarp edildi. Şu ýylky Kann film festiwalynda-da bäsleşikden daşgary görkezilen filmiň prokatlardan 1 milliard amerikan dollaryna golaý kassa ýygymyny toplamagyna garaşýanlaryň sany az däl.

«Ýerine ýetirip bolmajak missiýa» filmlerine degişlilikde, Braýan de Palma, Jon Wu, J.J. Abrams hem-de Bred Börd, 5-nji filmden soň Kristofer MakKuarri režissýorlyk etdi. 8-nji filmi hem goşanymyzda 1,5 milliard amerikan dollarlyk çykdajy edilen bu seriýa prokatlardan 4 milliarddan köp girdeji toplady (8-nji filmden soň 5 milliard amerikan dollaryna ýetjekdigi çaklanylýar).

MISSION: IMPOSSIBLE




**Ýazgeldi BABALYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*




● **DIKLIGINE:** **1.** Şygyr ölçeginiň ady. **2.** Oýunlyga salyp bir zatlar aýtmak, degişme. **3.** Elementleriň kislorodly birleşmesi. **5.** Has ýagty meteorlaryň atlandyrylyşy. **6.** Gadymy grek filosofy. **7.** Hemişekisi ýaly bolup duran, öwrenişilen. **8.** Milli häsiýetli gahrymançylykly eser. **11.** Saz guralynyň bir görnüşi. **12.** Düýäniň bir görnüşi. **13.** Düýä ýük urmak üçin salynýan ýörite ýasalan hataply enjam. **17.** Könelen, çagşan. **21.** Meşhur iňlis ýazyjysy ... Şou. **22.** Demir ussahanasynda suw guýlup goýulýan gap. **23.** Tussag saklanylýan jaý. **24.** Gyz ady. **25.** Tam suwalanda laýy endigan ýazmak üçin ulanylýan gural. **27.** El degirmeniniň däne guýulýan deşiginiň içinde ýerleşýän kese agaç. **28.** Gylýallar maşgalasyndan bolan ýabany jandar. **32.** Garamtyl-goňur reňkli, uzyn murtly, ganatly möjejik. **33.** Güýçsüz, başarnyksyz. **34.** Pygamberleriň biri. **36.** Adamyň ýüzüne düşýän tegmil, menek. **39.** Ýurdumyzda çap edilýän gazet. **40.** Dünýädäki iň uly şaglawuk. **42.** Kir ýuwulýan ýa-da hojalykda ulanylýan ýuka metal gap. **43.** Ertekilerde duş gelýän ýylanlaryň şasy. **44.** Gündogar şahyry Nyzamynyň bir eseri. **46.** Kirişli gadymy saz guraly. **49.** Gapynyň bosagalaryny birikdirýän iki dik agaç.

● **KESELIGINE:** **4.** Ergin şekerden gaýnadylyp taýýarlanýan süýji. **9.** Bir ok atýan tüpeň. **10.** Ata Gowşudowyň bir powesti. **11.** Çeşme suwy we onuň akýan akary. **13.** 200 ýyldan gowrak ýaşaýan agaç. **14.** Edep-terbiýe, özüňi alyp baryş kadalary hakyndaky filosofik taglymat. **15.** Iri göwreli. **16.** Käriz guýularynyň suwunyň akyp geçýän ýoly. **18.** Syýasy partiýanyň uly abraýdan peýdalanýan ýolbaşçysy. **19.** «Özüni bilen ...» (nakyl). **20.** Baglaýjy kömekçi. **26.** Ýagdaý, hal. **28.** Reňk. **29.** Gyz ady. **30.** Derwüş. **31.** XIX asyrda ýaşap geçen türkmen şahyry. **32.** Döwlen bugdaýyň, arpanyň owranan sypaly. **34.** «Çyn ýagşynyň gahary bar, ýamany ...» (nakyl). **35.** Üflenip çalynýan saz guraly. **37.** Öýke-... **38.** Pugta, mäkäm. **41.** Kelesaň, kemakyl. **45.** Ekin ekmek üçin ýer, atyz. **47.** Deriden eýlenip bejerilýän gap. **48.** Gadymy ulag. **49.** Çep tarap. **50.** Güýç, kuwwat. **51.** Alada, ünji. **52.** Türkmen halk sazy. **53.** Inçe el işi, sungat.

**Durdy GURTGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*




## SÖZ GOÝMAK

**4 Harply:** Ýaly, lenç, metr, gurt, etli, Omsk, elti, dawa, geçi, düýe, gant, emma, Bern, esse.

**5 Harply:** Sazak, dürre, palak, rakyp, şorta, kefal, gaýma, palta, çebiş, Manul, mamla, lakam, akrap, Resul, agras, norka, areal, çapar, içlik, temen, akaba.

**7 Harply:** Referat, şetdaly, akyldar, algebra, jarnama, çolalyk, emelsiz, aşgazan, mylakat, ~~osminog~~, bilekse, aýkeşde, samuraý, Şekspir.

**9 Harply:** Atmosfera, Köýtendag, tragediýa, balalaýka.

**Selbi BAKAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*






# 11-nji tapgyryň duşuşyklary: 2 ýeňiş, 2 deňlik

Türkmenistanyň futbol çempionatynda 11-nji tapgyryň çäginde geçirilen 4 oýunda 9 gol hasaba alnyp, 2 duşuşyk golsuz tamamlandy.

Myhmançylykda «Şagadam» toparyndan 4–1 hasabynda üstün çykan «Arkadag» topary sanawyň birinji basgançagyna dolandy. Duşuşykda «Arkadag» toparynyň gollaryny Mekan Saparow (3), Welmyrat Ballakow (37) hem-de Altymyrat Annadurdyýew (71 p, 90), ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny-da Aşyr Jumadurdyýew (68) geçirdi.

Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Altyn Asyr» bilen «Ahal» duşuşyp, oýun 3–1 hasabynda aragatnaşykçylaryň peýdasyna tamamlandy. Çekeleşikli geçen oýunda «Altyn Asyr» 12-nji minutda Abdyrahman Annamyradowyň goly bilen öňe saýlansa-da, 29-njy minutda «Ahaldan» Nazar Towakelow hasaby deňledi. Oýnuň 36-njy minutynda Ruslan Täjiýewiň golundan soň «Altyn Asyr» 2-nji gezek öňe geçdi. Duşuşygyň 72-nji minutynda bolsa Nazar Towakelow bu gezek ýalňyşlyk bilen topy öz derwezesine girizdi we «Altyn Asyr» 3–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi.

«Aşgabat» bilen «Köpetdagyň» arasyndaky paýtagt derbisinde hasap açylmady. Oýnuň 22-nji we 24-nji minutlarynda 2 sary kart alan Baýramgeldi Gulmaýew («Köpetdag») meýdançadan çykaryldy. Başga bir golsuz tamamlanan oýunda-da «Merw» bilen «Nebitçi» duşuşdy. Oýunda bada emin 8 futbolça sary kart görkezdi.



**KUBOK ÝARYŞY**

Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynyň çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Nebitçini» 6–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykdaky 6 goly 6 futbolçy geçirip, Begenç Akmämmedow (28), Şanazar Tirkişow (45+2), Altymyrat Annadurdyýew (50), Şamämmet Hydyrow (51), Didar Durdyýew (74) hem-de Bagtyýar Agabaýew (90) dagy tapawutlandy.

«Şagadam» bilen «Merwiň» arasyndaky duşuşyk golsuz tamamlanyp, ýeňiji jogap oýnunda kesgitlener. Çekeleşikli we dartgynly geçen beýleki 2 duşuşykda 7 gol hasaba alyndy. «Altyn Asyr» öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyndan 2-1 hasabynda asgyn geldi. «Altyn Asyr» topary 1-nji ýarymda Mergen Nurlyýewiň 36-njy we 45+1-nji minutlarda geçiren gollarynyň diňe biriniň öwezini doldy. 90+2-nji minutda Röwşengeldi Halmämmedowyň takyk ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusy ýeňşe ýetmedi. Oýnuň 88-nji minutynda «Aşgabat» toparyndan Pirmyrat Sultanow 2-nji sary kartdan soň, oýundan çykaryldy.

«Ahal» bilen «Köpetdag» toparlarynyň arasyndaky duşuşyk hem çekeleşikli bolup, oýunda ýeňiş gazanan bolmady. 66-njy minutdan soň bir oýunçy kem oýnan «Köpetdag» topary Orazgeldi Seýidowyň 45+2-nji we 79-njy minutdaky gollary bilen 2 gezek öňe saýlandy. Ýöne «Ahal» topary her gezek dessine jogap bermegi başardy. Ýer eýelerine jogap gollaryny Ýakupmuhammet Gowşudow bilen Begmyrat Baýow derweză girizdi.

Jogap duşuşyklary 17-18-nji iýunda oýnalar.

# «Şarjah» – AFK Çempionlar Ligasy 2-niň ýeňijisi

AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda çempion belli boldy. Singapuryň adybir paýtagtyndaky «Bishan» stadionynda oýnalan finalda ýerli «Laýon Siti Seýlors» topary bilen BAE-niň «Şarjah» topary duşuşdy.



Çekeleşikli geçen duşuşygyň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. Bahreýnli Ammar Mahfudyň eminlik eden oýnunda gollar soňky 15 minutda geçirilip, toparlar 90-njy minutdan soň 2 gol girizdi. Oýnuň 74-nji minutynda arap kluby Ben Larbiniň goly esasynda öňe saýlandy. 90+1-nji minutda ýer eýeleri Lestienniň goly bilen hasaby deňledi. Duşuşygyň 90+7-nji minutynda bolsa BAE-lileriň düzümindäki braziliýaly oýunçy Barbosa Meloni toparyna ýeňiş getiren goly geçirdi. Şunlukda, «Şarjah» topary 2-1 hasabynda ýeňiş gazanyp, taryhynda ilkinji gezek AFK-nyň 2-nji derejeli klub ýaryşynyň ýeňijisi boldy. Şol bir wagtyň özünde bu ýaryşda ilkinji gezek BAE-niň topary ýeňiş gazandy. «Şarjah» topary bu ýaryşyň ýeňijisi hökmünde geljek möwsümde AFK Çempionlar Ligasy Elite bäsleşigine gatnaşar. «Şarjah» topary «Al Ain» toparyndan soň AFK-nyň ýaryşlarynda kubok gazanan 2-nji BAE kluby boldy.

Ýaryşyň çärýek finalynda «Şarjah» toparyndan utulan BAE-niň başga bir kluby «Al-Şabab» toparynyň eýranly ýyldyzy Sardar Azmun 9 gol bilen ýaryşyň iň netijeli futbolçysy bolmagy başardy. Çempion toparyň ýyldyzy Kaio Lukas ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. Şeýle-de, «Şarjah» toparyna çempionlyk baýragy hökmünde 2,5 million dollarlyk pul baýragy berildi.



Ozalky ady AFK Kubogy bolan bu ýaryş şu möwsümden başlap, AFK Çempionlar Ligasy 2 adyny aldy. Şu wagta çenli bu ýaryşda iň köp Kuweýtiň «Al-Kuwait» hem-de Yragyň «Al-Kuwa Al-Jawiýa» toparlary ýeňiji boldy. Iki klub hem 3 gezek çempionlyk gazandy. Iordaniýadan «Al-Faýsali» bilen Bahreýnden «Al-Muharrak» toparlarynyň bolsa 2 çempionlygy bar. Ady agzalan bu 4 topar 1-den köp çempionlyk gazanan klublardyr. 2004-nji ýyldan bäri geçirilýän ýaryşda 10 klub 1 gezek çempionlyk gazandy. Ýurdumyzdan «Altyn Asyr» topary-da 2018-nji ýylda ýaryşyň finalyna çykypdy.

# PSW-niň 26-njy, «Galatasaraýyň» 25-nji, «Sportingiň» 21-nji çempionlygy

Niderlandlaryň çempionaty «Eredivisie»-de çempion iň soňky tapgyrda belli boldy. 33-nji tapgyrdan soň liderligi PSW toparyna aldyran «Aýaks» topary eýndhowenlileriň çempionlygynyň öňüni alyp bilmedi. PSW myhmançylykda Rotterdamda «Sparta» toparyny 3–1 hasabynda ýeňmegi başardy. PSW toparyna hem ýeňiş, hem-de çempionlyk getiren gollary Perişiç, De Ýong (58), Tilmann (84) geçirdi. «Aýaks» bolsa «Twenteni» Henderson hem-de Weghorstyň gollary bilen 2–0




ýeňenem bolsa, bu ýeňiş olara çempionlyk üçin ýeterlik bolmady. Şeýlelikde, «Aýaks» bilen arasyndaky 1 utuk aratapawudy saklan PSW topary amsterdamlylaryň ozalky tälimçisi Peter Boşuň ýolbaşçylygynda bassyr 2-nji, umumylykda-da 26-njy çempionlygyny gazandy. «Aýaks» bolsa 24-nji gezek çempionaty 2-nji orunda tamamlady.

Niderlandlarda iň köp çempion bolmakda «Aýaks» 36 ýeňiş bilen sanawyň başyny çekýär. PSW-niň 26, «Feýenoordyň» 16 çempionlygy bar.

**5-nji ýyldyzyň eýesi boldy**

● Türkiýäniň çempionaty «Süper Lig»-de möwsümiň ýeňijisi 36-njy tapgyrda belli bolup, «Galatasaraý» topary bassyr 3-nji, taryhyndaky 25-nji çempionlygyny baýram etdi. Öz meýdançasynda «Kaýserispordan» 3–0 hasabynda üstün çykan stambullylaryň gollaryny Osimhen (26), Baryş Ýylmaz (29) hem-de jerime urgusyndan derwezeçi Muslera (89 p) geçirdi. Şunlukda, «Galatasaraý» tälimçisi Okan Burugyň ýolbaşçylygynda yzly-yzyna 3-nji, soňky 10 ýylda 5-nji, umumylykda-da 25-nji çempionlygyny baýram etdi. «Galatasaraý» Türkiýäniň çempionatynda 5-nji ýyldyzyň eýesi (her çempionlyga 1 ýyldyz) bolan ilkinji klub hökmünde hasaba alyndy. «Fenerbahçe» topary bassyr 4-nji, umumylykda-da 26-njy gezek çempionaty 2-nji orunda tamamlar.

Ýurduň milli ligasynda 19 ýeňiş bilen iň köp çempionlyk gazanan 2-nji klub «Fenerbahçe» bolup, olara 11 möwsümden bäri çempionaty 1-nji orunda tamamlamak başardanok. 3-nji ýerdäki «Beşiktaşyň» 16 çempionlygy bar.







● Portugaliýanyň çempionaty «Premeira Liga»-da çempion edil Niderlandlardaky ýaly iň soňky tapgyrda belli boldy. Çempionlyk utuklary deň bolan Lissabonyň 2 wekiliniň arasynda geçip, «Sporting» öz meýdançasynda «Gimaraýnş» toparyny Gonsalweş hem-de Gýokereşiň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. «Benfika» bolsa myhmançylykda «Braga» bilen duşuşyp, olara uly hasaply ýeňiş gazanmak gerekdi. Ýöne «Benfika» garşydaşy bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Netijede, 2 utuk öňe saýlanan «Sporting» yzly-yzyna 2-nji, soňky 5 ýylda 3-nji, umumylykda-da 21-nji gezek çempion bolmagy başardy.

Bu ýyl hem 80 utuk toplan «Benfika» ýene-de 2-nji orny eýeledi. «Porto» topary bolsa çempionaty geçen möwsümde bolşy ýaly, 3-nji orunda tamamlady.

Portugaliýada «Benfikanyň» 38, «Portonyň» 30, «Sportingiň» 21 çempionlygy bar.

Portugaliýada çempionlyk gazanan 5 toparyň biri bolan «Boawişta» kluby iň soňky orny eýeläp, 11 möwsümden soň 2-nji liga düşdi.




**HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY**

*23-nji maý (anna)*
**Napoli – Kaliari (23:45)**
**Komo – Inter (23:45)**
Betis – Walensiýa (00:00)
*24-nji maý (şenbe)*
Şeffild Ýun. – Sanderland (final, 19:00)
Real Madrid – R. Sosiedad (19:15)
**Arsenal – Barselona (final, 21:00)**
Bolonýa – Jenoa (21:00)
**A. Bilefeld – Ştutgart (final, 23:00)**
Milan – Monza (23:45)
**PSŽ – Reýms (final, 00:00)**
*25-nji maý (ýekşenbe)*
Wilýarreal – Sewilýa (19:15)
**M. Ýunaýted – A. Willa (20:00)**
**N. Forest – Çelsi (20:00)**
Fulham – Man. Siti (20:00)
**Benfika – Sporting (final, 21:15)**
Atalanta – Parma (23:45)
Wenesiýa – Ýuwentus (23:45)
Atletik – Barselona (00:00)

# Çempionlyk gezegi «Barselonada»

Ispaniýanyň çempionaty «La Liga-da» möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda çempion belli boldy. Barselona şäher derbisinde myhmançylykda «Espanýoly» 2–0 hasabynda



ýeňen «Barselona» kluby 2-nji ýerdäki «Real Madrid» bilen 7 utuk aratapawudyny saklamagy başardy. Duşuşykda «Barselona» hem ýeňiş, hem-de çempionlyk getiren gollary 53-nji minutda Lamin Ýamal bilen 90+5-nji minutda Fermin Lopes geçirdi. Şunlukda, «Barselona» topary 1 ýyllyk arakesmeden soň 28-nji «La Liga» çempionlygyny baýram etdi. Katalonlar 2 ýyl ozal, 14-nji maýda (bu gezekki 15-nji maýda) ýene-de myhmançylykda «Espanýoldan» 2 gol aratapawut bilen 4–2 hasabynda üstün çykyp, 27-nji çempionlygyny gazanypdy.

«Barselona» topary taryhynda 9-njy gezek bir möwsümde hem «La Liganyň» çempionlygyny, hem-de Ispaniýanyň Şa Kubogyny gazandy. «Barselona» şu asyra geçip, 12-nji çempionlygyny gazandy. Ýewropanyň TOP 5 çempionatynda ondan öňde 18 çempionlyk bilen «Bawariýa» bar.

Toparyň tälimçisi Hansi Flik katalonlaryň düzüminde ilkinji möwsüminde 3 kubok gazandy. Onuň «Bawariýadaky» tälimçiliginde 7 kubogy bar. Ispaniýada iň köp çempion bolan topar «Real Madridiň» 36 ýeňşi bar. 3-nji ýerdäki «Atletiko» 11, 4-nji orundaky «Atletik Bilbao» 8 gezek çempion boldy.

Ispaniýada soňky 21 ýylda «Barselona», «Real Madrid» hem-de «Atletiko Madrid» toparlaryndan haýsy hem bolsa biri çempionlyk gazandy. 2019-njy ýyldan bäri çempionlygyny gorap bilýän topar ýok. Soňky 4 möwsümde «Real» bilen «Barselona» toparlary ýylaşa çempionlyk gazanyp, bu ugurda gezekleşip gelýär.

37-nji tapgyrda «Barselona» öz meýdançasynda «Wilýarrealdan» 3–2 hasabynda asgyn geldi. «Real Madrid» bolsa duşuşygy 9 futbolçy bolup tamamlan «Sewilýany» Mbappe hem-de Bellingamyň gollary esasynda 2–0 hasabynda utdy. Çempionatda 4-nji orny eýelän «Atletik» 10, 5-nji orunda tamamlajak «Wilýarreal» 4 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşar. «Walýadolidden» soň «Las Palmas» hem «La Liga» bilen hoşlaşyp, bu ugurda 3-nji klub iň soňky tapgyrda belli bolar.





# «Serie A»-da çempion şu gün belli bolar

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da 118-nji möwsümiň çempiony 37-nji tapgyrda belli bolmady. Sanawyň lideri «Napoli» myhmançylykda «Parma» bilen golsuz oýnap, bassyr 2-nji duşuşygyny deňlikde tamamlady. 2-nji ýerdäki «Intere» bolsa öz meýdançasynda «Lasiony» ýeňmek başartmady. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda sag gyraky oýunçylary Bissek (45+2) hem-de Dumfrisiň (79) gollary bilen 2 gezek öňe geçen «Inter» soňky minutlarda ýeňşi elden giderdi. Rimliler her gezekde weteran hüjümçisi Pedronyň goly bilen jogap berdi. Ispaniýaly ýyldyz oýunçy 72-nji we 90-njy (p) minutlarda tapawutlanyp, toparyny ýeňlişden halas etdi. Duşuşykda 2 toparyňam tälimçisi gyzyl kart aldy. Şeýlelikde, «Napoli» bilen «Interiň» arasyndaky 1 utuklyk aratapawut saklanyp galdy. Iki topar möwsümi şu gün jemlärler. Has takygy, şu gün 23-nji maý, anna güni «Napoli» «Kaliarini» kabul etse, «Inter» «Komonyň» myhmany bolar. «Inter» çempionlygyny goramak üçin «Napoliniň» utuk ýitirmegine garaşmaly bolup, iki topar 38 tapgyry deň utukda tamamlasa, onda goşmaça pleý-off duşuşygy çempiony kesgitlär. «Udinezeni» Gonzales hem-de Wlahowiçiň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Ýuwentus» 4-nji orny eýelemek ugrunda garşydaşlaryndan öňde barýar. «Romadan» 3–1 hasabynda asgyn gelen «Milanyň» geljek möwsümde UEFA-nyň hiç bir ýaryşyna gatnaşmak mümkinçiligi galmady.



**LA LIGA (37) — 28 gol**

**Atletiko—Betis: 4–1** (Alwares 10, 75, Le Norman 45+3, Korrea 90+6 — Fornals 67), **Barselona—Wilýarreal: 2–3** (Ýamal 38, Fermin Lopes 45+5 — A. Peres 4, Komesaniýa 50, Bükenen 80), **Selta—R. Wallekano: 1–2** (Alonso 10 p — Palason 17, De Frutos 45+2), **Walensiýa—Atletik: 0–1** (Berenger 72), **Malýorka—Hetafe: 1–2** (Larin 90+3 — Arambarri 56, Uçe 65), **R. Sosiedad—Žirona: 3–2** (Marin 5, Oýarzabal 20 p, Marieskurrena 90+1 — Stuani 10, Portu 77), **Sewilýa—Real Madrid: 0–2** (Mbappe 75, Bellingam 87), **Walýadolid—Alawes: 0–1** (Kike Garsiýa 18 p), **Las Palmas—Leganes: 0–1 (Raba 6), Osasuna—Espanýol: 2–0** (Budimir 17, Raul Garsiýa 90+1)

**SERIE A (37) — 30 gol**

**Jenoa—Atalanta: 2–3** (Pinamonti 37, 58 — Sulemana 47, Maldini 63, Retegi 89), **Kaliari—Wenesiýa: 3–0** (Mina 11, Pikkoli 41, Deýola 71), **Fiorentina—Bolonýa: 3–2** (Parizi 13, Riçardson 67, Ken 84 — Dallinga 61, Orsolini 79), **Werona—Komo: 1–1** (Lazowiç 69 — Kakre 29), **Inter—Lasio: 2–2** (Bissek 45+2, Dumfris 79 — Pedro 72, 90 p), **Ýuwentus—Udineze: 2–0** (Gonzales 61, Wlahowiç 88), **Leççe—Torino: 1–0** (Ramadani 46), **Monza—Empoli: 1–3** (Birindelli 30 — Kolombo 49, Witi 51, Pizziniakko 59 ö.d.), **Parma—Napoli: 0–0, Roma—Milan: 3–1** (Mançini 3, Parades 58, Kristante 87 — Feliks 39)

**BUNDESLIGA (34) —31 gol**

**Leipsig—Ştutgart: 2–3** (Simons 8, Baku 44 — Undaw 23, Woltemade 57, Demirowiç 78), **Borussiýa D—Holştaýn: 3–0** (Girassi 3 p, Sabitser 47, Nmeça 73), **Hoffenhaým—Bawariýa: 0–4** (Olise 33, Kimmih 53, Gnabri 80, Keýn 86), **Haýdenhaým—Werder: 1–4** (Kerber 80 — Şmid 14 p, Stage 33, Dukş 66, Topp 86), **Fraýburg—Aýntraht: 1–3** (Doan 27 — Knauff 45+4, Kristensen 61, Shiri 63), **Augsburg—Union Berlin: 1–2** (Tits 41 — Iliç 69, 90+4), **Maýns—Baýer: 2–2** (Nebel 35, Burkardt 63 p — Şik 49 p, 54), **Borussiýa M—Wolfsburg: 0–1** (Nmeça 51), **Sankt-Pauli—Bohum: 0–2 (**Boadu 10, 66)

**LIGUE 1 (34) — 38 gol**

**Marsel—Renn: 4–2** (Grinwud 21 p, 45+1, Rabio 38, 90+3 — Kone 14, Gomes 78), **Lion—Anže: 2–0** (Lakazett 55 p, 72), **Nissa—Brest: 6–0** (Gessand 16, Labord 19, 75, Buanani 28 p, Moffi 82, Abdi 90+4), **Sent-Etien—Tuluza: 2–3** (Tradie 38, Batubinsika 63 — Kamanzi 10, King 15, Gboo 58), **Lill—Reýms: 2–1** (Kabella 37, Ekpom 86 p — Akieme 60), **Strasbur—Le Hawr: 2–3** (Santos 20, Nanasi 53 — Ture 43 p, 90+6 p, Kazimir 70), **Nant—Monpelie: 3–0** (Simon 18 p, Koklen 31, Ablin 79), **Lans—Monako: 4–0** (El-Aýnaui 21, 56, Tomasson 73, Zaruri 78), **PSŽ—Oser: 3–1** (Kwarasheliýa 59, 88, Markinios 67 — Sinaýoko 30)

**PREMÝER LIGA (29) — 22 gol**

**Orenburg—Krasnodar: 1–2** (Mansilýa 7 — Kordoba 29, Olasa 51), **Himki—Rubin: 3–2** (Zabolotnyý 9, Rudenko 67, 90+2 — Daku 12, 58), **Pari NN—Fakel: 1–1** (Grulew 67 p — Alşin 18), **Krylýa Sowetow—Spartak: 0–2** (Mangaş 22, Solari 42 p), **Ahmat—Dinamo-Mahaçkala: 1–1** (Samorodow 48 — Serderow 36 p), **Dinamo—Akron: 2–1** (Fomin 16, Mahbub 90+1 — Galoýan 80), **Rostow—Zenit: 0–1** (Sobolew 30), **Lokomotiw—SSKA: 2–2** (Worobýew 10, 25 — Guarirapa 47, Kislýak 80)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA (Ç) | 37 | 27 | 4 | 6 | 99-39 | 85 |
| 2 | REAL MADRID | 37 | 25 | 6 | 6 | 76-38 | 81 |
| 3 | ATLETIKO M | 37 | 21 | 10 | 6 | 64-30 | 73 |
| 4 | ATLETIK B | 37 | 19 | 13 | 5 | 54-26 | 70 |
| 5 | WILÝARREAL | 37 | 19 | 10 | 8 | 67-49 | 67 |
| 6 | BETIS | 37 | 16 | 11 | 10 | 56-49 | 59 |
| 7 | SELTA | 37 | 15 | 7 | 15 | 57-56 | 52 |
| 8 | R. WALLEKANO | 37 | 13 | 12 | 12 | 41-45 | 51 |
| 9 | OSASUNA | 37 | 12 | 15 | 10 | 47-51 | 51 |
| 10 | MALÝORKA | 37 | 13 | 8 | 16 | 35-44 | 47 |
| 11 | R. SOSIEDAD | 37 | 13 | 7 | 17 | 35-44 | 46 |
| 12 | WALENSIÝA | 37 | 11 | 12 | 14 | 43-53 | 45 |
| 13 | HETAFE | 37 | 11 | 9 | 17 | 33-37 | 42 |
| 14 | ALAWES | 37 | 10 | 11 | 16 | 37-47 | 41 |
| 15 | SEWILÝA | 37 | 10 | 11 | 16 | 40-51 | 41 |
| 16 | ŽIRONA | 37 | 11 | 8 | 18 | 44-56 | 41 |
| 17 | ESPANÝOL | 37 | 10 | 9 | 18 | 38-51 | 39 |
| 18 | LEGANES | 37 | 8 | 13 | 16 | 36-56 | 37 |
| 19 | LAS PALMAS | 37 | 8 | 8 | 21 | 40-59 | 32 |
| 20 | WALÝADOLID | 37 | 4 | 4 | 29 | 26-87 | 16 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 37 | 23 | 10 | 4 | 57-27 | 79 |
| 2 | INTER | 37 | 23 | 9 | 5 | 77-35 | 78 |
| 3 | ATALANTA | 37 | 22 | 8 | 7 | 76-34 | 74 |
| 4 | ÝUWENTUS | 37 | 17 | 16 | 4 | 55-33 | 67 |
| 5 | ROMA | 37 | 19 | 9 | 9 | 54-35 | 66 |
| 6 | LASIO | 37 | 18 | 11 | 8 | 61-48 | 65 |
| 7 | FIORENTINA | 37 | 18 | 8 | 11 | 57-39 | 62 |
| 8 | BOLONÝA | 37 | 16 | 14 | 7 | 56-44 | 62 |
| 9 | MILAN | 37 | 17 | 9 | 11 | 59-43 | 60 |
| 10 | KOMO | 37 | 13 | 10 | 14 | 49-50 | 49 |
| 11 | TORINO | 37 | 10 | 14 | 13 | 39-43 | 44 |
| 12 | UDINEZE | 37 | 12 | 8 | 17 | 39-53 | 44 |
| 13 | JENOA | 37 | 9 | 13 | 15 | 34-48 | 40 |
| 14 | KALIARI | 37 | 9 | 9 | 19 | 40-54 | 36 |
| 15 | WERONA | 37 | 9 | 7 | 21 | 32-65 | 34 |
| 16 | PARMA | 37 | 6 | 15 | 16 | 41-56 | 33 |
| 17 | LEÇÇE | 37 | 7 | 10 | 20 | 26-58 | 31 |
| 18 | EMPOLI | 37 | 6 | 13 | 18 | 32-57 | 31 |
| 19 | WENESIÝA | 37 | 5 | 14 | 18 | 30-53 | 29 |
| 20 | MONZA | 37 | 3 | 9 | 25 | 28-67 | 18 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA (Ç) | 34 | 25 | 7 | 2 | 99-32 | 82 |
| 2 | BAÝER | 34 | 19 | 12 | 3 | 72-43 | 69 |
| 3 | AÝNTRAHT | 34 | 17 | 9 | 8 | 68-46 | 60 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 34 | 17 | 6 | 11 | 71-51 | 57 |
| 5 | FRAÝBURG | 34 | 16 | 7 | 11 | 49-53 | 55 |
| 6 | MAÝNS | 34 | 14 | 10 | 10 | 55-43 | 52 |
| 7 | LEIPSIG | 34 | 13 | 12 | 9 | 53-48 | 51 |
| 8 | WERDER | 34 | 14 | 9 | 11 | 54-57 | 51 |
| 9 | ŞTUTGART | 34 | 14 | 8 | 12 | 64-53 | 50 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 34 | 13 | 6 | 15 | 55-57 | 45 |
| 11 | WOLFSBURG | 34 | 11 | 10 | 13 | 56-54 | 43 |
| 12 | AUGSBURG | 34 | 11 | 10 | 13 | 35-51 | 43 |
| 13 | UNION BERLIN | 34 | 10 | 10 | 14 | 35-51 | 40 |
| 14 | SANKT-PAULI | 34 | 8 | 8 | 18 | 28-41 | 32 |
| 15 | HOFFENHAÝM | 34 | 7 | 11 | 16 | 46-68 | 32 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 34 | 8 | 5 | 21 | 37-64 | 29 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 34 | 6 | 7 | 21 | 49-80 | 25 |
| 18 | BOHUM | 34 | 6 | 7 | 21 | 33-67 | 25 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ (Ç) | 34 | 26 | 6 | 2 | 92-35 | 84 |
| 2 | MARSEL | 34 | 20 | 5 | 9 | 74-47 | 65 |
| 3 | MONAKO | 34 | 18 | 7 | 9 | 63-41 | 61 |
| 4 | NISSA | 34 | 17 | 9 | 8 | 66-41 | 60 |
| 5 | LILL | 34 | 17 | 9 | 8 | 52-36 | 60 |
| 6 | LION | 34 | 17 | 6 | 11 | 65-46 | 57 |
| 7 | STRASBUR | 34 | 16 | 9 | 9 | 56-44 | 57 |
| 8 | LANS | 34 | 15 | 7 | 12 | 42-39 | 52 |
| 9 | BREST | 34 | 15 | 5 | 14 | 52-59 | 50 |
| 10 | TULUZA | 34 | 11 | 9 | 14 | 44-43 | 42 |
| 11 | OSER | 34 | 11 | 9 | 14 | 48-51 | 42 |
| 12 | RENN | 34 | 13 | 2 | 19 | 51-50 | 41 |
| 13 | NANT | 34 | 8 | 12 | 14 | 39-52 | 36 |
| 14 | ANŽE | 34 | 10 | 6 | 18 | 32-53 | 36 |
| 15 | LE HAWR | 34 | 10 | 4 | 20 | 40-71 | 34 |
| 16 | REÝMS | 34 | 8 | 9 | 17 | 33-47 | 33 |
| 17 | SENT-ETIEN | 34 | 8 | 6 | 20 | 39-77 | 30 |
| 18 | MONPELIE | 34 | 4 | 4 | 26 | 23-79 | 16 |

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | KRASNODAR | 29 | 19 | 7 | 3 | 56-23 | 64 |
| 2 | ZENIT | 29 | 19 | 6 | 4 | 55-18 | 63 |
| 3 | SSKA | 29 | 16 | 8 | 5 | 45-21 | 56 |
| 4 | DINAMO | 29 | 16 | 8 | 5 | 61-32 | 56 |
| 5 | SPARTAK | 29 | 16 | 6 | 7 | 51-25 | 54 |
| 6 | LOKOMOTIW | 29 | 14 | 8 | 7 | 47-40 | 50 |
| 7 | RUBIN | 29 | 12 | 6 | 11 | 38-43 | 42 |
| 8 | ROSTOW | 29 | 10 | 8 | 11 | 40-42 | 38 |
| 9 | AKRON | 29 | 10 | 5 | 14 | 38-51 | 35 |
| 10 | K. SOWETOW | 29 | 8 | 6 | 15 | 35-50 | 30 |
| 11 | HIMKI | 29 | 6 | 11 | 12 | 35-51 | 29 |
| 12 | D. MAHAÇKALA | 29 | 6 | 10 | 13 | 26-34 | 28 |
| 13 | PARI NN | 29 | 7 | 6 | 16 | 27-52 | 27 |
| 14 | AHMAT | 29 | 4 | 13 | 12 | 27-45 | 25 |
| 15 | ORENBURG | 29 | 4 | 7 | 18 | 26-52 | 19 |
| 16 | FAKEL | 29 | 2 | 11 | 16 | 13-41 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 29 |
| 2 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 25 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 21 |
| 4 | Aýose PERES (Wilýarreal) | 19 |
| 5 | RAFINÝA (Barselona) | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 25 |
| 2 | Moýze KEN (Fiorentina) | 18 |
| 3 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 15 |
| 4 | Markus TURAM (Inter) | 14 |
| 5 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 26 |
| 2 | Seru GIRASSI (Borussiýa D) | 21 |
| 3 | Patrik ŞIK (Baýer) | 21 |
| 4 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 18 |
| 5 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 21 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 21 |
| 3 | Arno KALIMUENDO (Renn) | 17 |
| 4 | Jonatan DEWID (Lill) | 16 |
| 5 | Aleksander LAKAZAETT (Lion) | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Manfred UGALDE (Spartak) | 16 |
| 2 | Mirlind DAKU (Rubin) | 14 |
| 3 | Alekseý BATRAKOW (Lokomotiw) | 13 |
| 4 | Esekiel BARKO (Spartak) | 12 |
| 5 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 11 |

# «KRASNODARMY» ýa-da «ZENIT»?!

Russiýanyň çempionatynda «Krasnodar» bilen «Zenitiň» arasyndaky 1 utuklyk aratapawut 29-njy tapgyrda-da saklanyp galdy. «Krasnodar» myhman-



çylykda «Orenburgy» garşydaşynyň öňe geçendigine garamazdan, Kordobanyň hem-de Olasanyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. «Zenit» hem myhmançylykda «Rostowy» Sobolewiň 30-njy minutdaky ýeke-täk goly esasynda 1–0 hasabynda utdy. Şunlukda, çempion 30-njy tapgyrda kesgitlener. «Krasnodar» öz meýdançasynda Moskwanyň «Dinamosyny», «Zenit» bolsa «Ahmat» toparyny kabul eder. Duşuşyklar şenbe güni 18:30-da başlanar. Ýeri gelende bellesek, «Krasnodar» geçen möwsümiň hem iň soňky tapgyrynda «Dinamo» bilen duşuşypdy we 1–0 hasabynda ýeňipdi. Ýöne bu ýeňiş olara çempionlyk üçin ýeterlik bolmandy.



● Germaniýanyň çempionatynda möwsümiň iň soňky tapgyrynda «Aýntrahtyň» myhmançylykda «Fraýburgy» ýeňmeginden soň, öz meýdançasynda «Holştaýny» 3-0 hasabynda utan «Borussiýa Dortmund» Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Soňky 8 oýunda 7 ýeňiş gazanan «Borussiýa Dortmund» çempionaty 4-nji orunda tamamlamagy başardy. Öz meýdançasynda «Ştutgartdan» 3–2 utulan «Leipsig» ilkinji gezek Ýewrokuboklaryň daşynda galar. 2016/17 möwsüminde «Bundesliga» çykan «Leipsig» 2017/18 möwsüminden bäri UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşyp gelýärdi. 25 utuk toplan «Holştaýn» bilen «Bohum» toparlary aşaky liga düşen bolsa, «Haýdenhaým» ligada galmak üçin «Bundesliga 2»-de 3-nji orny eýelän «Elwersberg» bilen pleý-off duşuşygyny geçirer. Geçen möwsümdäkiden 10 goly az 26 gol salan «Bawariýanyň» iňlis ýyldyzy Harri Keýn bassyr 2-nji gezek çempionatyň iň netijeli futbolçysy boldy.



● Fransiýanyň çempionatynda 87-nji möwsüm tamamlanyp, çempion PSŽ, şol sanda «Marsel» hem-de «Monako» Çempionlar Ligasyna gönümel gatnaşar. «Bresti» 6–0 hasabynda ýeňen «Nissa» topary 4-nji orny eýeledi. Tureniň 90+6-njy minutda (p) geçiren goly bilen myhmançylykda «Strasbury» 3–2 hasabynda ýeňen «Le Hawr» topary hem ligada galmagy başardy, hemem garşydaşyny UEFA-nyň ýaryşlaryndan alyp galdy. «Monpelie» bilen geçen möwsüm ýokary liga çykan «Sent-Etien» täzeden gelen ýerine dolandy. Çempionatda 21 gezek tapawutlanan Usman Dembele bilen Meýson Grinwud iň köp gol geçiren futbolçylar boldy.

# UEFA-da 41 ÝYLDAN SOŇ GAZANYLAN ILKINJI KUBOK

**UEFA-nyň 2-nji derejeli klub ýaryşy Ýewropa Ligasynda Angliýanyň «Tottenham» topary ýeňiş gazandy. Ispaniýanyň Bilbao şäherindäki «San Mames» stadionynda oýnalan iňlis finalynda «Tottenham» topary «Mançester Ýunaýtedden» 1-0 hasabynda üstün çykdy. UEFA-nyň bu ýaryşy umumylykda 54-nji, UEFA Ýewropa Ligasy ady bilenem 16-njy gezek geçirildi.**

Germaniýaly Feliks Zwaýeriň jürlewük çalan oýnuna 49 müň 224 janköýer tomaşa etdi. Duşuşyga 2 toparam ätiýaçly hüjümler bilen başlady. Oýnuň 13-nji minutynda Di-



allonyň uran batly urgusy «Tottenhamyň» derwezesiniň alkymynda uly howp döretdi. Oýnuň 42-nji minutynda çep gyradan geçirilen hüjümde top derwezäniň alkymynda «Ýunaýtediň» goragçysy Lýuk Şoua degip, londonlylaryň hüjümçisi Brennan Jonsonyň gapdalyna düşdi. Olam kynlyk bilen hem bolsa çalaja galtaşan topuny derwezä girizdi.

2-nji ýarymda oýnuň jylawy «Mançester Ýunaýtediň» futbolçylarynda bolsa-da, olara hasaby üýtgetmek başartmady. 67-nji minutda Hýoýlunyň kelle urgusynda derwezä girip barýan topy «Tottenhamyň» goragçysy Wan de Wen böküp uzaklaşdyrdy. 74-nji minutda Garnaçonyň urgusyny derwezeçi Wikario saklamagyň hötdesinden geldi. Duşuşygyň 90+7-nji minutynda hem Lýuk Şouň kelle urgusyny Wikario kynlyk bilenem bolsa saklamagy başardy.

Netijede, 1-0 hasabynda ýeňiş gazanan «Tottenham» topary 17 ýyldan soň ilkinji kubogyny gazandy. Londonlylar soňky gezek 2008-nji ýylda Angliýanyň Liga Kubogyny eýeläpdi. Şol bir wagtyň özünde bu olaryň 41 ýyldan soň UEFA-nyň ýaryşlarynda gazanan ilkinji, umumylykda 3-nji kubogy hökmünde hasaba alyndy.

Duşuşygyň iň ökde oýunçysy diýlip, ýeňiş gazanan toparyň argentinaly ýyldyzy Romero saýlandy.

«Tottenham» topary mundan öň bu kubogy 1972-nji hem-de 1984-nji ýyllarda gazanypdy. 1972-nji ýylda 2 oýunly finalda başga bir iňlis kluby «Wulwerhemptony» ýeňipdi (2–1, 1–1). 1984-nji ýylda Belgiýanyň «Anderleht» topary bilen 2 ýerde-de 1–1 deňme-deň oýnap, 11 metrlik jerime urgularda öňe saýlandy we 2-nji gezek kubogy gazanypdy. «Tottenham» topary 1974-nji ýylda finalda «Feýenoorddan» asgyn gelipdi (2–2, 2–0). «Tottenham» topary bu kubogy azyndan 3 gezek gazanan 6-njy topar boldy.

Bu final bir ýurduň 2 wekiliniň arasyndaky 11-nji, şol sanda iňlis klublarynyň öz arasyndaky 3-nji final boldy. Mundan öňki iňlis klublarynyň finalynda 1972-nji ýylda «Tottenham» «Wulwerhemptony» ýeňipdi. 2019-njy ýylda bolsa «Çelsi» «Arsenaldan» üstün çykypdy. Bu final UEFA-nyň ýaryşlaryndaky 6-njy iňlis finaly bolup, futbolyň watany bu ugurda Italiýadyr Ispaniýadan 1 final öňde barýar.

«Tottenham» topary finala çenli diňe 2 duşuşykda ýeňlip, liga tapgyrynda «Galatasaraýdan» 3-2, 1/8 finalda-da «AZ Alkmaardan» 1-nji oýunda 1-0 hasabynda utulypdy.

«Mançester Ýunaýted» bolsa finala çenli ýeke gezek hem ýeňilmän geldi (5 deňlik, 9 ýeňiş). Ol bu ýaryşda şu möwsümde 1-nji gezek utuldy we onda-da kubogy aldyrdy.

2021-nji ýylda «Aýaksy» ýeňip, bu kubogy ilkinji gezek gazanan «Mançester Ýunaýted» 2-nji sapar finalda ýeňildi. «Mançester Ýunaýted» topary «Tottenhamdan» öň 2021-nji ýylda «Wilýarrealdan» asgyn gelipdi. «Mançester Ýunaýted» şu möwsümde «Tottenhamdan» 4-nji gezek utuldy.

«Tottenham» topary täze möwsümde Çempionlar Ligasynyň petegi bilen bilelikde, çempionlyk baýragy hökmünde-de 8,6 million ýewro pul baýragyny alar. Finalçy «Mançester Ýunaýted» bolsa 4,6 million ýewro bilen sylaglanar. «Tottenham» topary 13-nji awgustda UEFA Super Kubogy duşuşygynda Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi bilen PSŽ ýa-da «Inter» bilen duşuşar.

**TOTTENHAM:** Wikario — Porro, Romero, Wan de Wen, Udoji (Spens 90) — Sarr (Greý 90), Bissuma, Bentankur — Jonson (Danso 78), Solanke, Rişarlison (Son 67) — Tälimçi: Anže Postekoglu

**MANÇESTER ÝUNAÝTED:** Onana — Ýoro, Maguaýr, Şou — Mazraui (Dalot 85), Kasemiro, Bruno Fernandeş, Dorgu (Maýnu 90) — Diallo, Hýoýlunn (Zirkzee 71), Maunt (Garnaço 71) — Tälimçi: Ruben Amorim

### IŇLISLERIŇ 10-njy ÝEŇŞI

1972-nji ýyldan bäri UEFA-nyň guramaçylygynda geçirilip gelinýän bu ýaryşda «Tottenhamyň» ýeňşinden soň iňlis klublarynyň kubok sany 10-a ýetdi we bu ugurda italýanlar bilen deňleşdi. UEFA-nyň bu kubogyny iň köp ispan toparlary gazanyp, diňe «Sewilýanyň» 7 çempionlygy bar. «Interdir» «Ýuwentus», «Liwerpul» hem-de «Atletiko Madrid» klublary 3 gezek çempionlyk gazandy.

Bu ýaryşda kubogy eýelän klublardan «Inter», «Borussiýa M», «Mançester Ýunaýted» 2, «Tottenham», «Liwerpul», «Ýuwentus», «Anderleht», «Baýer», «Aýaks» toparlary-da 1 gezek finalda ýeňildi. Kubogy alyp görmedik toparlardan «Benfikadyr» «Marsel» 3, «Atletik Bilbao», «Espanýol», «Roma», «Borussiýa Dortmund», «Arsenal», «Reýnjers» 2 gezek finalda ýeňildi. Şol sanda 24 klub 1 gezek finala çykyp, olara kubogy gazanmak başartmady.

**UEFA Ýewropa Ligasyny, ozalky ady UEFA Kubogyny gazanan toparlar:**

**7 gezek:** Sewilýa (Ispaniýa) – 2006, 2007, 2014, 2015, 2016, 2020, 2023.

**3 gezek:** Inter (Italiýa) – 1991, 1994, 1998; Tottenham (Angliýa) – 1972, 1984, 2025; Liwerpul (Angliýa) – 1973, 1976, 2001; Ýuwentus (Italiýa) – 1977, 1990, 1993; Atletiko (Ispaniýa) – 2010, 2012, 2018.

**2 gezek:** Borussiýa M (Germaniýa) – 1975, 1979; Feýenoord (Niderlandlar) – 1974, 2002; Aýntraht (Germaniýa) – 1980, 2022; Gýoteborg (Şwesiýa) – 1982, 1987; Real Madrid (Ispaniýa) – 1985, 1986; Parma (Italiýa) – 1995, 1999; Porto (Portugaliýa) – 2003, 2011; Çelsi (Angliýa) – 2013, 2019.

**1 gezek:** Mançester Ýunaýted (Angliýa) – 2017; Anderleht (Belgiýa) – 1983; Baýer (Germaniýa) – 1988; Aýaks (Niderlandlar) – 1992, PSW (Niderlandlar) – 1978; Ipswiç Tawn (Angliýa) – 1981; Napoli (Italiýa) – 1989; Bawariýa (Germaniýa) – 1996; Şalke 04 (Germaniýa) – 1997; Galatasaraý (Türkiýe) – 2000; Walensiýa (Ispaniýa) – 2004; SSKA Moskwa (Russiýa) – 2005; Zenit (Russiýa) – 2008; Şahtýor Donesk (Ukraina) – 2009; Wilýarreal (Ispaniýa) – 2021; Atalanta (Italiýa) – 2024







## «Men köplenç 2-nji möwsümde bir zatlar gazanýaryn öz-ä»

Hawa, geçen ýylyň sentýabr aýynda, täze möwsüm ýaňy başlap, gyzyşyp ugranda, «Tottenham» toparynyň tälimçisi Anže Postekoglu žurnalistlere beren beýanatynda: «Men köplenç 2-nji möwsümde bir zatlar gazanýaryn öz-ä» diýipdi. Ol şol wagt wada beripdimi ýa-da karýerasynda dowam edip gelýän statistikany öňe sürüpdimi, belli däl. Ýöne onuň «Tottenhamdaky» 2-nji möwsüminde kubok gazanandygy welin hakykat. Hawa, ýaş futbol janköýerleri soňky ýyllarda islendik kubogyň «tottenhamly» futbolçylaryň elinde ýokary göterilendigini, hatda orta ýaşly janköýerler hem «Tottenhamyň» UEFA-da kubok gazananyny görmedik bolsalar gerek. Sebäbi Londonyň demirgazyk ýakasyndaky bu klub Angliýada 17, Ýewropada bolsa 41 ýyldan bäri kubok gazanyp bilenok. Ine, ahyry «Tottenham» hem köp ýyldan bäri maksadyna ýetdi. Aslynda, şu möwsüm uzak arakesmeden soň kubok gazanyp görmedikleriň möwsümi ýaly. Niderlandlarda «Go Ehed Iglz» topary 92 ýyldan soň ilkinji kubogyny (ýurduň kubogyny), Angliýada «Nýukasl» 70 ýyldan, Italiýada «Bolonýa» 51 ýyldan soň ilkinji kuboklaryny gazandy. Geçen hepdäniň ahyrynda bolsa «Kristal Palas» topary-da 119 ýyllyk taryhyndaky ilkinji uly kubogyny asmana göterdi. Indi gezek Belgiýanyň «Ýunion Sent-Žilluaz» toparynda. Brýussel şäheriniň kluby 90 ýyldan soň çempionlygyň bosagasynda dur.



Geçen möwsümiň başynda 10 oýundan soň ýeňlen «Tottenham» soňlugy bilen çempionaty ilkinji 5 orunda tamamlap, Ýewropa Ligasynyň petegi bilen jemledi. Ýöne bu möwsüm welin, edil ýyldyza ýörän ýaly, çempionatdaky şowsuzlyklar ýerli kubok ýaryşlaryndaky şowsuzlyklar bilen sepleşik gitdi. Postekoglunyň şol aýdan sözüni mamla çykarjak ýeke-täk tutaryk, Ýewropa Ligasy galypdy. Ine, şol şaha-da berk ýapyşan «tottenhamly» futbolçylar tälimçileriniň sözüni ýerde goýmady.

65 ýaşyndaky Postekoglunу ilkinji bolup gutlanlaryň biri-de çempion «Liwerpulyň» müsürli ýyldyzy Mohamed Salah boldy. Ol «ussat tälimçi «2-nji möwsümde bir zatlar gazanýaryn öz-ä» diýen sözünde tapyldy» diýip, asly grek awstraliýaly tälimçini sosial media hasaby arkaly mähirli gutlady.

### Soňunda Son hem kubok aldy

«Tottenhamyň» kubok gazanmagy diňe bir iňlis janköýerlerini däl, eýsem, koreýaly, hatda aziýaly futbol muşdaklaryny hem begendiren bolsa gerek. Koreýa Respublikasynyň ýyldyz oýunçysy Hin Min Son ençeme ýyldan bäri londonlylaryň düzüminde çykyş edip gelýär. Toparyň kapitany hem bolan Son klubda 454 oýunda 173 gol geçirdi, ýöne şu wagta çenli onuň kubogy ýokdy. Soňunda Son hem kubokly boldy. Ol finaldan soň begenç gözýaşyny döküp, çempionlygy topardaşlary hem-de maşgalasy bilen gutlady. Ony ilkinji bolup gutlanlaryň biri, ýyldyz oýunçynyň özi ýaly karýerasyny şu möwsüme çenli kuboksyz dowam etdiren Harri Keýn boldy. Keýnem «Tottenhamda» ençeme ýyl oýnap, birnäçe gezek iň köp gol geçiren oýunçy bolsa-da, kubogy gazanmak nesip etmändi. Ol 2023-nji ýylyň tomsunda «Bawariýa» geçipdi. Ýöne bu ýerde-de ilkinji möwsümde oňa kubok gazanmak başartmady. Angliýaly hüjümçi ahyry ozalky topardaşy Sonuň kubok galdyran gününden 17 gün öň arzuwyna ýetdi.



Final oýny barada-da bellesek, iki iňlis kluby oýnan hem bolsa, duşuşyk wagtal-wagtal italýan toparlaryny ýadyňa düşüren final boldy. Hemişe bolşy ýaly, gol geçiren topar goragda bolup, gol gerekli topar hüjüme ýykgyn etdi. Ýagny «Mançester Ýunaýted» hem ýeňiş gazanyp bilerdi.

Möwsümi milli çempionatda antirekordlar bilen tamamlajak Angliýanyň 6 uly klubunyň ikisi bolan «Tottenham» hem-de «Ýunaýted» üçin bu kubok, juda şowsuz geçen möwsümiň öwezini dolmak üçin uly mümkinçilikdi. Olam «Mançester Ýunaýtede» däl-de, «Tottenhama» nesip etdi. «Tottenham» topary täze möwsümde çempionaty aşaky liga düşen klublaryň edil üstünde tamamlabam Çempionlar Ligasynda çykyş eder.

***Gazetiň sport synçysy.***





## Werstappeniň 65-nji, Ožieniň 63-nji ýeňşi

Formula 1 boýunça möwsümiň 7-nji ýaryşy Italiýanyň Emilia-Romano sebitindäki Imola şäherinde geçirildi. 63 aýlawlyk ýaryşda «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol 2-nji hatardan bat alan ýaryşynda eýýäm 1-nji orna geçip, bäsleşigi 1 sagat 31 minut 33,199 sekuntda tamamlamagy başardy. Oskar Piastriniň yzly-yzyna 3 ýeňşini soňlandyran Werstappen şu möwsümde 2-nji, karýerasy boýunça-da 65-nji gezek münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Werstappen Imolada 4-nji gezek ýeňiji boldy.

Ýaryşda «McLaren» toparynyň sürüjileri britaniýaly Lando Norris bilen awstraliýaly Oskar Piastri 2-3-nji orunlary paýlaşdylar. Norris ýeňijiden 6,109 sekunt, Piastri 12,956 sekunt yza galdy. «Ferrari» toparynyň wekilleri – britaniýaly Lýuwis Hamilton ýaryşy 4-nji, monakoly Şarl Lekler 6-njy orunda tamamlady.

Sürüjileriň sanawynda Piastri 146 utuk bilen öňdeligini saklaýar. Norrisiň 133, Werstappeniň 124 utugy bar. Möwsümiň 8-nji ýaryşy, F1-iň iň abraýly tapgyry hasaplanýan Monako «Gran Prisi» 25-nji maýda Monte-Karlonyň köçelerinde geçiriler.

Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 5-nji ýaryşy Portugaliýada geçirildi. Porto sebitinde 24 tapgyrly 344,5 kilometrlik ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie ýeňiji boldy. Ol pellehanadan 3 sagat 48 minut 35,9 sekuntda geçip, möwsümdäki 2-nji, karýerasy boýunça-da 63-nji ýeňşini gazandy. Ýeňijiden 8,7 sekunt yza galan «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak 2-nji, 12,2 sekunt soň pellehana gelen finlýandiýaly Kalle Rowanpera («Toyota Gazoo») 3-nji orny eýeledi.

Bu ýaryşdan soň Portugaliýada 6-njy ýeri eýelän britaniýaly Elfin Ewans sürüjileriň sanawynda birinjiligini saklap gelýär. Onuň 118 utugy bar. 88 utukly Rowanpera 2-nji ýeri eýelese, utugyny 86-a çykaran Ožie 3-nji, 84 utuk toplan Tanak 4-nji basgançaga beýgeldi.

Möwsümiň 6-njy ýaryşy 5-8-nji iýun aralygynda Italiýanyň Sardiniýa adasynda geçiriler.

## TARYHYNDAKY ILKINJI ULY KUBOGY

Dünýäniň iň gadymy futbol bäsleşigi bolan Angliýanyň FA Kubogynda täze ýeňiji peýda boldy. 154 ýyllyk ýaryşyň 144-nji geçirilişinde Londonyň «Kristal Palas» topary ilkinji gezek kubogy eýeledi.




Londondaky «Wembley» stadionynda «Mançester Siti» bilen duşuşan «Kristal Palas» topary garşydaşyny 1-0 hasabynda ýeňdi. 84 müň 163 janköýeriň tomaşa eden duşuşygyndaky ýeke-täk goly 16-njy minutda Ebereçi Eze geçirdi. Oýnuň 36-njy minutynda «Mançester Sitiniň» müsürli ýyldyzy Omar Marmuş 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedi. Şunlukda, 1–0 hasabynda ýeňşini baýram eden «Kristal Palas» kluby özüniň 119 ýyllyk taryhynda ilkinji uly kubogyny asmana göterdi.

### Iň gadymy futbol ýaryşynyň täze ýeňijisi

Awstriýaly Oliwer Glasneriň tälimçiligindäki «Kristal Palas» bu kubogy azyndan 1 gezek gazanan 45-nji klub boldy. «Kristal Palas» topary 3-nji finalynda ilkinji ýeňşini gazanyp, mundan öň 1990-njy we 2016-njy ýyllarda finalda «Mançester Ýunaýtedden» asgyn gelipdi. «Kristal Palas» topary täze möwsümde taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň klub ýaryşlaryna gatnaşar.

Bassyr 3-nji gezek finala çykyp, soňky 2-sinde utulan «Mançester Siti» topary 7 sapar kubogy gazanypdy. 7-nji gezegem finalda utulan «Mançester Siti» topary 2016/17 möwsüminden soň ilkinji gezek bir möwsümi kuboksyz tamamlar.

## Rimde 40 ýyldan soň italiýaly tennisçi ýeňiji boldy

Tennis boýunça Italiýanyň paýtagty Rimde geçirilen «Italiýa Açyk» tennis ýaryşynda zenanlaryň arasynda Jasmin Paolini, erkeklerden Karlos Alkaras ýeňiş gazandy. Umumy baýrak gaznasy 8 million 55 müň 385 ýewro deň bolan ýaryşda ýeňijileriň hersine aýratynlykda, 963 müň 225 ýewro pul baýragy berler.





82-nji gezek geçirilen bu «Masters» ýaryşynda zenanlaryň arasyndaky finalda italiýaly Jasmin Paolini amerikaly Koko Gauff bilen duşuşdy. 29 ýaşyndaky Paolini garşydaşyny 2 setde 6:4 we 6:2 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň karýerasyndaky 2-nji «Masters», umumylykda-da 3-nji çempionlygydyr. Şeýlelikde, «Italiýa Açykda» 40 ýyldan soň ýerli zenan tennisçi ýeňiji boldy. Paoliniden öň 1985-nji ýylda Raffaella Reji Rimde kubogy asmana göteripdi.

Erkekleriň arasynda-da tas 50 ýyla golaý italýan tennisçi çempion bolup bilerdi. Ýöne ispaniýaly Karlos Alkaras doping jerimesinden saplanan italiýaly Ýannik Sinneri 1-njisi taý-brek bilen kesgitlenen 2 setde ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji setde 7:6, 2-nji setde 6:1 hasaplar bilen üstün çykan Alkaras şu ýylky 3-nji, şol sanda 7-nji «Masters» çempionlygyny gazandy. Bu onuň karýerasyndaky 19-njy ATP çempionlygy hökmünde hasaba alyndy.


